ISHENGIR

BIZ SIZ BILEN GELJEGI TASLAMALAŞDYRÝARYS WE DÖREDÝÄRIS

# IŞ ETIKASYNYŇ KODEKSI

Baryşyň ýokary standartlaryna özüniň birkemsiz gatnaşygy mälimdir

## BIZIŇ MISSIÝAMYZ

"Taslamalaşdyryp, geljegi döretmek" – biznesiň we tehnologiýalaryň ösüşine ýardam edip, senagat industriýasynyň standartlaryny we ösüş wektoryny kesgitläp

## BIZIŇ STANDARTLARY

Biziň üçin müşderişlere hyzmat etmegiň we işiň hiliniň ýa-da öndürilen önümiň, şeýle hem oňa gözegçiligiň diňe iň ýokary derejesi kabul ederliklidir.


Turkmenistan, Turkmenbashy City, Pushkina str. No.:21

+99365070040

cobe@ishengir.com

ishengir

## MAZMUNY


**1. ESASLANDYRYJYNYŇ HATY**

**2. GIRIŞ**

**3. BIZIŇ MISSIÝAMYZ WE IŞ STANDARTLARY**

**4. IŞGÄRLERIŇ ÖŇÜNDE JOGAPKÄRÇILIK**

- Her bir adama hormat
- Kast etmezlige ýol bermezlik
- Şahsy gatnaşyklar
- Howpsuzlyk we saglygyň goragy
- Kommunikasiýa ulgamlary, mobil we telefon aragatnaşygy, elektron poçtasy we internet

**5. MÜŞDERILERIŇ ÖŇÜNDÄKI JOGAPKÄRÇILIK**

- Hünär standartlary we özüni alyp baryş
- Müşderiler barada maglumatlar
- Müşderiler bilen bagly gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy
- Ygtyýarnama bermek
- Müşderiler – döwlet kärhanalary we guramalary
- Gelşiksizgöwün açyş çäreleri
- Sowgatlaryň berilmegi

**6. IŞEWÜR HYZMATDAŞLARYŇ, MÜŞDERILERIŇ, POTRATÇYLARYŇ WE ÜPJÜN EDIJILERIŇ ÖŇÜNDÄKI JOGAPKÄRÇILIK**

- Işleriň ynsaply alnyp barylmagy we bäsdeşlik
- Ykdysady jenaýatlara we parahorlyga garşy göreş
- Baýkotlar, sanksiýalar we söwda çäklendirmeleri
- Müşderiler bilen gadagan edilen işler
- Biziň müşderilerimiziň, işewür hyzmatdaşlaryň, potratçylaryň we üpjün edijileriň dykgatly saýlanylmagy
- Serişdeleriň ýuwulmagy we bikanun ediniler serişdeleriň legalizasiýasy bilen göreş
- Satyn alma tejribesi we paralaryň we sowgatlaryň alynmagyna gatnaşykda gadaganlyk

**7. KOMPANIÝANYŇ ÖŇÜNDE JOGÄPKÄRÇILIK**

- Gizlin maglumat
- Daşary kommunikasiýalar
- Gyzyklanmalaryň şahsy gapma-garşylygy
- Işgärleriň şahsy işleri
- Kompaniýanyň mümkinçilikleriniň şahsy maksatlarda ulanylmagy
- «Ishengir» kompaniýasynyň maglumatlarynyň, pikirleriniň we intellektual eýeçiliginiň goragy
- Öňki iş berijileriň öňündäki borçlar
- Kompaniýanyň imidjine gatnaşyk
- Abraýdan düşürmäge ýol bermezlik
- Affilirlenmedik kompaniýanyň wezipeli şahsynyň ýa-da ýolbaşçysynyň wezipelerini ýerine ýetirmek
- Takyk we doly ýazgylaryň alnyp barylmagy we maglumatlaryň jemagat taýdan açylmagy

- Maliýe jogapkärçilik we hasabat
- Sarp edilen wagt we çykdajylar barada hasabat
- Hukuk resminamalarynyň alynmagy
- Resminamalaryň saklanylmagy

**8. JEMGYÝETIŇ ÖŇÜNDÄKI JOGAPKÄRÇILIK**

- Halkara gatnaşyklary
- Daşky gurşawa zyýanly täsire ýol bermezlik
- Çaga zähmeti
- Jemgyýetçilik işi
- Korporatiw haýyr-sahawat

**9. IŞDE ÖZÜŇI ALYP BARYŞ DÜZGÜNLERINI WE «IŞ ETIKASYNYŇ KODEKSINIŇ» BERJAÝ EDILMEGI**

- «Iş etikasynyň kodeksiniň» düzgünlerinden kadadan çykma
- Gizlinlige gatnaşykda çäklendirme
- Yzarlamalara ýol bermezlik
- «Iş etikasynyň kodeksi» bilen bagly meseleler ýüze çykanda hereketleriň tertibi
- «Iş etikasynyň kodeksiniň» neşir edilmegi

**10. ETIKA MESELELERI BOÝUNÇA KONTAKTLAR WE ARAGATNAŞYKLAR BARADA MAGLUMAT**

## 1. ESASLANDYRYJYNYŇ HATY

**HORMATLY IŞGÄRLER!**

Biziň kompaniýamyz «Ishengir», işe we etiki özüňi alyp baryşyň ýokary standartlaryna özüniň birkemsiz gatnaşygy mälimdir. Biz özümiziň ýetmegi başardan abraýymyza buýsanýarys we onuň saklanmagy we ony pugtalandyrmak pikirleriniň tutuşlaýyn tarapdary bolup durýarys. Biziň işewürlik çygrymyzda biziň adymyz bilen baglanyşýan işe gyşarnyksyz gatnaşygymyz biziň has gymmat aktiwlerimiziň biri bolup durýar. biziň kompaniýamyz tarapyndan kabul edilen «Iş etikasynyň kodeksi» biziň kompaniýamyzyň adyndan hereket edýän her bir şahsyň düşünmegi we berjaý etmegi hökmany bolan ýörelgeleri kesgitleýär.

Biziň «Iş etikasynyň kodeksiniň» etikanyň ähli mümkin bolan meselelerini gurşap almaýandygyna garamazdan, onda siziň özüňizi alyp barmakda ugur alyp biljek esasy ýörelgeler beýan edilendir. Umuman, ähli iş meselelelerine sagdyn pikir, oýlanyşykly garaýyş we dogruçyl çemeleşme siz tarapyndan kabul edýän çözgütleriňiziň biziň kompaniýamyzyň paýlaşýan gymmatlyklaryna we şu «Iş etikasynyň kodeksine» laýyklygyny üpjün etmäge kömek eder. Eger sizde haçanda bolsa bir wagt ol ýa-da beýleki ýüze çykýan ýagdaýda näme etmegiň göwnejaýdygy ýa-da näme edip boljakdygybarada şübhe ýüze çyksa, siz «Iş etikasynyň kodeksinde» göz öňünde tutulan ýagdaýlary ýerine ýetirmek bilen hemişe maslahat üçin ýüz tutup bilersiňiz. Onuň ýerleşýän ýerine bagly bolmazdan biziň işleýän islendik taslamada ýa-da önümçilikde bikanun we göwnejaý däl hereketlere getirip biljek ýagdaýlarda hüşgär boluň we biz tarapyndan görkezilen habarlaşmak üçin maglumatlar boýunça kompaniýanyň ýolbaşçylaryna biziň etiki ýörelgelerimiziň ýüze çykýan ýa-da mümkin bolan bozulmalary barada habar beriň. Biziň hereketlerimiziň kompaniýada tutuşlygyna täsir edýändigine görä, biz şübhelenme üçi sebäp bolup durýan diňe bir mynasyp däl görünip bilýän islendik hereketden daşda durmaga çalyşmaly.

Biziň umumy üstünligimiz biziň kompaniýamyzyň her bir işgärine aýratyn baglydyr. Bize köp bolmadyk adamlaryň ahlaksyz hereketleri sebäpli, öz abraýyny ýitirmek bilen işewürlikde batmaklyga sezewar bolan giňden mälim bolan kompaniýalaryň ýagdaýlary mälim bolup durýar. Biz öz kompaniýamyzda şeýle ýagdaýlara ýol bermezlik üçin hemişe goragda durmalydyr.

Bize ajaýyp geljek garaşýar, ýöne geljekki üstünlik we «Ishengir» kompaniýasynyň oňat abraýy biziň özümizi nähili alyp barýandygymyza tutuşlygyna baglydyr. Dogruçyllyk, açyklyk we iň ýokary etiki kadalaryny berjaý etmek, diňe bir dogry syýasat bolman, eýsem işewürligi dogry alyp barmak usuly hem bar.Hut şol sebäpli hem biziň her haýsysymyz hemişe biziň «Iş etikasynyň kodeksiniň» harpyndan we ruhundan ugur almalydyrys.

Ygrarlylygyňyz üçin sag boluň.<br>Esaslandyryjy,<br>**Eldar Baýramow.**

## 2. GIRIŞ

Şu «Iş etikasynyň kodeksi», mundan beýläk Kodeks, biziň işgärlerimize hem kompaniýanyň içinde, hem «Ishengir» kompaniýasynyň adyndan işler alnp barylanda olaryň borçlaryna we özara gatnaşyklaryna düşünmegine kömek üçin niýetlenendir. Kodeks biziň Missiýamyzyň we biziň işimiziň standartlaryny beýan edilmeginiň möhüm düzüm bölegi bolup durýar, sebäbi onda işgärleriň hem birek-bireginiň öňünde, hem müşderiler, iş hyzmatdaşlary, potratçylar, kömekçi potratçylar, döwlet edaralary, döwlet gullukçylary, jemgyýet we ilat, biziň işleýän we öz işimizi amala aşyrýan ýerlerimiz bilen özara gatnaşyklarynda olaryň brçlary baradaky meselelere seredilýär.

Biziň kompaniýamyzyň ýolbaşçylary şu Kodeksde beýan edilen düzgünleri goldaýarlar, we olary berjaý etmäge borçlanýarlar we ony berjaý etmäge bizi hem borçly edýärler. Biz tarapyndan kabul edilen Kodeks şeýle hem kompaniýanyň Direktoratynyň «Ishengir» kompaniýasy bilen özara gatnaşygyna degişli işinde we olaryň onuň adyndan amala aşyrýan islendik işindeulanylýar. Kodeksiň ähli bozulmalary we onuň düzgünleriniň berjaý edilmegi kadadan çykma bolmazdan kompaniýany esaslandyryja habar berilýär.



Biziň işgärlerimiz olaryň kompaniýanyň içindäki we onuň adyndan işleriň şu Kodeksde kesgitlenen ýörelgeler we standartlara laýyklykda amala aşyrylmagyna jogap berýärler. Her bir işgär şu Kodeksiň düzgünleriniň çaklanylyp bozulýan islendik hereketler barada ýa kompaniýanyň ýolbaşçylarynyň birine, ýa-da kesgitlenen aragatnaşyk kanallary boýunça gös-göni esaslandyryjynyň salgysyna habar bermäge borçlanýar. Biz şeýle hem, potratçylar, kömekçi potratçylar we kompaniýanyň hyzmatlaryny amala aşyrmak üçin, ýa-da onuň adyndan kompaniýanyň gyzyklanmalary bilen çykyş edýän biziň hakyna tutýan wekillerimiz tarapyndan Kodeksiň berjaý edilmegini üpjün etmek üçin zerur bolan çäreleri kabul etmelidiris.

«I shengir» kompaniýasynyň işi Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylyk, kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna we düzgünlerine laýyklykda, Türkmenistanyň çäginden daşarda öz işini amala aşyrýan böleginde bolda, biziň öz işimizi alyp barýan şol ýurtlaryň we birleşikleriň kanunçylyk, kadalaşdyryjy-hukuk namalaryna laýyklykda amala aşyrylmalydyr. Bu islendik sebitde biziň işimize degişli bolan biziň aşakda beýan etjek Türkmenistanyň kanunlarynyň birnäçesini öz içine alýar, sebäbi biz Türkmenistanda döredilen we hasaba alnan kompaniýa bolup durýarys. Eger degişli kadalaşdyryjy düzgünleriň we kanunlaryň takyk kesgitlemesi bolmasa, ýa-da gapma-garşy bolsa, biz özümiziň standartlarymyza laýyklykda işimizi üpjün etmek üçin hukuk maslahatlary üçin ýüz tutmalydyrys. Biz şeýle hem iň ýokary hünär standartlary we iş etikasynyň standartlart bilen hereket ederis. Mundan başga-da biziň kompaniýamyz biziň işimiziň aýry görnüşlerine ýa-da başga ýurisdiksiýasy bolan beýleki döwletlerdäki işe ulanylýan korporatiw syýasatynyň dürli kadalaryny kabul etdi we biziň işgärlerimiz olaryň gulluk borçlaryna haýsy kadalaryň ulanylýandygyny kesgitlemelidirler we olara düşünmelidirler we olary berjaý etmelidirler.

Kodeksde biziň berjaý etmeli kanunlarymyz diňe bir gysgaça beýän edilmän, eýsem kompaniýanyň ähli işgärleriniň razylaşmagy hökmany bolan etiki gymmatlyklar hem beýan edilýär. Biziň kompaniýamyz Kodeksiň doly we ylalaşyksyz berjaý edilmegi ýagdaýynyň, biziň bäsdeşlerimiziň biziň müşderilerimize ýa-da bolaýmagy mümkin bolan müşderilerimize Biziň Kodeksimiziň gadagan edýän şahsy sowgatlary ýa-da dürli göwün açyş çärelerini teklip etmeginiň mümkindigi mysaly bolan, kompaniýanyň az bäşdeşlige ukyplylygyna getirip biljekdigine düşünýär we aň ýetirýär. Emma welin,

Kodeksiň berjaý edilmegi «Ishengir» kompaniýasy, onuň müşderileri we işgärleri üçin biziň ýörelgelerimize esaslanyp almagy mümkin bolan islendik gysga möhletli girdejilere garaňda uzakmöhletleýin mümkinçilikde uly gymmatlyk bolup durýar.



Biziň Kodeksimiz dürli taslamalarda kompaniýanyň ol ýa-da beýleki işgärleriniň duçar bolmagy mümkin bolan islendik ýagdaýy suratlandyrýan hemme zady öz içine alýan gollanma bolup durmaýar, tersine ol esasy soraglar aýdyňlaşdyrylýan, «Ishengir» kompaniýasynyň syýasaty beýan edilýän, şeýle hem siziň we biziň kompaniýamyzyň buýsanyp biljek çözütleri siziň kabul etmegiňize kömek edýän çeşmeleri görkezýän gollanma bolup durýar. Etika häsiýetli meseleler çözülende her bir işgär Kodeksde beýän edilen syýasaty berjaý etmelidir we onda görkezilen ýagdaýlary yzarlamaladyr, şeýle hem öz hususy garaýyşlaryna daýanmalydyr. Hiç bir Kodeksiň etika özüňi alyp barşy kepillendirmejekdigine – muny diňe biziň özümiziň kepillendirip biljekdigimize düşünmek gerekdir.

Biz şeýle hem etika bagyşlanana mowzuklary, biziň kompaniýamyzda okatmagyň umumy maksatnamalaryna goşýarys. Bu biziň işgärlerimiziň hem özaralaryndaky özara gatnaşyklarynda, hem kompaniýanyň adyndan çykyş edenlerinde özleriniň gündelik işlerinden çaknyşýan etika meseleleri bilen bagly hüşgärligiň ýokary derejesini we açyk gepleşigi hemişe üpjün etmek üçin hem edilýär. Biz siziň şeýle mümkinçiliklere hünär taýdan ösüşiňiziň we gullukda ýokary galmagyňyzyň aýrylmaz bölegi hökmünde seredersiňiz diýip umyt bildirýäris.



Biziň Kodeksimiz biziň işgärlerimiz nirede işleleseler hem, olaryň ählisine birmeňzeş ulanylmalydyr. Ýöne, eger şu Kodeksiň haýsy hem bolsa bir düzgüni ulanylýan kanuna ýa-da kadalaşdyryjy nama gapma-garşy bolsa, onda biz şeýle düzgüni güýçsiz ýa-da biziň taslamamyzyň ýerleşişine bagly bolmazdan biziň işimize we biziň işgärlerimize ulanylmaýan hasap ederis. Biziň kompaniýamyzda etikany berjaý etmek boýunça meseleleri bilen işgärler boýunça bölümiň menejeri meşgullanýar. Siz Kodekse degişli bolan islendik ýüze çykýan etika meseleleri bilen oňa ýüz tutup bilersiňiz we size mälim bolan Kodeksiň hakyky we mümkin bolan bozulmalary barada habar bermelidirsiňiz. Siz şeýle hem siziň taslamaňyzyň ýerleşýän ýerine ýa-da bolýan ýurduňyza bagly bolmazdan Kodeksiň mümkin bolan bozulmasy barada habar etmek üçin jaň edip ýa-da elektron poçtasy boýunça habary iberip bilersiňiz, siziň jaňyňyz we siziň habaryňyz anonim bolup galar. Nähili ýüz tutup boljakdygy baradaky has jikme-jik maglumaty siz biziň kompaniýamyzyň internetdäki websaýtyndan, Şeýle hem şu Kodeksiň ahyryndan tapyp bilersiňiz.

## 3. BIZIŇ MISSIÝAMYZ WE IŞIŇ STANDARTLARY

Biz biziň Missiýamyzy beýan etdik we biziň kompaniýamyzyň ugur almaly Işiň standartlaryny kabul etdik. Biziň Missiýamyzyň beýany biziň işimiziň maksadynyň düşündirilmegi bolup durýar, Işiň standartlary bolsa biziň özümizi alyp barşymyzyň esasy kadalaryny beýan edýär. Kodeksiň talaplarynyň ýerine ýetirilmegi biziň kompaniýamyzyň öz Missiýasyny durmuşa geçirmeginiň we onuň Iş Standartlarynyň berjaý edilmeginiň möhüm şerti bolup durýar.

### Biziň Missiýamyz




«Bilelikde kämilligi gurmak» - işewürligi we tehnologiýanyň ösüşine ýardam bermek, gurluşyk industriýasynyň standartlaryny we ösüş wektoryny kesgitlemek, awangardynda oňyn özgertmeleriniň bolmagynda dünýäni oňatlyga tarap üýtgetmek, islendik wagtda we islendik gurşawda biziň müşderilerimiziň, biziň işgärlerimiziň we biziň işleýän jemgyýetimiziň abadançylygy üçin taslamalary howpsuz we ýokary hilli amala aşyrmak.Müşderiniň ýokary talabyny we biziň olar bilen toparda işlemek ukybymyzu bermek bilen toplumlaýyn we innowasion çözgütleri girizmek.

Taslamanyň ösüşiniň ähli etaplarynda – onuň kesgitlenilmeginiň başyndan, peýdalanylmaga berilýänçä – uly täsire eýe bolan wezipeleýin gurşawy we hili bilelikde döretmek. Müşderiniň işewürlik-ýagdaýlaryna, onuň talaplaryna we maksatlaryna, taslamanyň takyk ugruna we biziň missiýamyzyň iň möhüm maksadyny – taslamanyň howpsuz, ýokary hilli we öz wagtynda durmuşa geçirilmegini üpjün etmek - üstünlikli çözmäge bize mümkinçilik berýän onuň ösüşiniň ähli tapgyrlarynda onuň bilen özara baglanyşyga düşünmek

#### Iş Standartlary

Biziň üçin müşderişlere hyzmat etmegiň we işiň hiliniň ýa-da öndürilen önümiň, şeýle hem oňa gözegçiligiň diňe iň ýokary derejesi kabul ederliklidir. Biz biziň işgärlerimiziň ýokary başarjaň ýa-da ýokary hünär derejeli bolup durýandygy bilen çäklenip bilmeris. Biziň müşderilerimiz bilen özara gatnaşyk özara hormata esaslanmalydyr, we haçandan muňa ýetmek mümkin bolmadyk ýagdaýynda, biz işden ýüz döndereris.Biz diňe berilýän hyzmata adalatly tölegi tölemäge taýýar bolan we baglaşylan ylalaşyklara laýyklykda öz borçlaryny ýerine ýetirmegi kepillendirýän müşderiler üçin işläris.



**Biziň işgärlerimiziň goldawy**



- Biziň işgärlerimize hünär taýdan ösüş, kömek we maslahat bermek üçin mümkinçilikler üpjün ediler, olara olar tarapyndan ýetilen netijelere barada habar berler;
- Biz zähmet töleginiň biziň ählimize adalatly we düşnükli bolan çyzysynyň çäklerinde sylaglary alarys;
- Biz öz işgärlerimiziň biri-birine, hatda olaryň biziň kompaniýamyzy terk etmegi çözenlere hem hormatsyz gatnaşyga ýol bermeris we sabyr etmeris;
- Biz hemişe korporatiw medeniýet we hyzmatdaşlyk adaty bilen birleşen bir jebis toparyň oýunçylary hökmünde hereket ederis.

**Стремление к лидерству**

- Menejer üçin esasy wezipe ähli toparyň üstünliginiň üpjün edilmegi bolar, her biriniň şahsy goşandy ikinji derejeli ähmiýete eýe bolar;
- Biziň üstünliklerimiz adalatly ykrar edilmä eýe bolmalydyr, biziň pikirlerimiz bolsa umumy kompaniýanyň çäklerinde höweslendirilmelidir;
- Biz işiň we hususy durmuşyň arasynda göwnejaý deňagramlylygy üpjün etmäge ymtylýarys.



**Kodeksiň berjaý edilmegi «Netijeliligiň esasy görkezijileri» maksatnamasyna laýyklykda bonus ýa-da baýrak sylaglarynyň tölenmeginiň şerti bolup durýar.**

Kodeksiň berjaý edilmegi kompaniýa tarapyndan kabul edilen «Netijeliligiň esasy görkezijileri» maksatnamasyna laýyklykda siziň hukugyňyz bolup biljek islendik bonusy ýa-da baýragy almagyň şerti bolup durýar. eger siz şu Kodeksiň haýsy hem bolsa bir düzgünini bozsaňyz, onda kompaniýa başga ýagdaýda size tölenmäge degişli bolan islendik bonusyň ýa-da baýaryň möçberini azaltmaga ýa-da ony asla tölemezlige bolan hukugyny özünde galdyrýar. Bu hukuk kompaniýanyň şu Kodeksiň siz tarapyndan bozulmagynyň netijesinde eýe bolup biljek islendik beýleki hukugyň üstüni doldurýar. we oňa laýyklykda siziň işiňiziň şertleri üýtgäp biler, togtadylyp bilner ýa-da siziň kompaniýadaky işiňiz bes edilip bilner, ýa-da size sylaglaryň tölenmeginiň şertleri üýtgedilip bilner.

**4. IŞGÄRLERIŇ ÖŇÜNDÄKI JOGAPKÄRÇILIK**

Biziň işgärlerimiz biziň iň uly baýlygymyz bolup durýar. Biz açyk özara hereket we dogruçyllyk gurşawyny döretmäge ýardam etmek bilen biri-birimize hormatly we adalatly gatnaşykda bolarys.

**Her bir adama hormat**

Bizi biri-birimize özümize nählili gatnaşygy isleýän bolsal, şolar ýaly gatnaşykda hem bolarys. Biz işgärlerimiziň arasyndaky tapawuda olaryň nireden gelendigine garamazdan hormat goýarys we biziň kompaniýamyzyň çäginde uly köpdürlilige ymtylarys. Ol ýa-da beýleki işgäriň hakyna tutulmagy baradaky çözgüt diňe aýratyn hünär derejesi, ukyplary, ýeten üstünlikleri ýaly iş ýagdaýlary esasynda we ulanylýan zähmet kanunçylygyna laýyklykda kabul ediler. Edarada ýa-da onuň çäginden daşarda bolsun tapawudy ýok, biziň işgärlerimize gatnaşykda biz hemişe özümizi mynasyp we professional alyp bararys.



**Kast etmeklige ýol bermezlik**

Dilden ýa-da görnüş taýdan, ýa-da hereket görnüşinde bolan kemsidiji özüňi alyp baryşa, azar bermege ýa-da erbet garaýyşa ýol berilmeýär. Mysal hökmünde esasy ras, milli we etniki häsiýetli, dini garaýyşly gaty kemsidiji sözleri, beden taýdan kemçiliklerine degişli ters düşünjeler ýa-da seksual azar bermekligi atlandyryp bolar. Oňyn bolmadyk özüňi alyp baryş ýa-da azar bermeklige islendik ynsaply şikaýata jogap hökmünde yzarlamak bilen deň hatarda haýbat atmalar, zorlukly hereketler we beden gorkuzmalary gadagan edilýär.Ol ýa-da beýleki işgäriň özüni alyp barşy sizi ýa-da beýleki işgärleri oňaýsyz ýagdaýa salýan bolsa, onuň kompaniýadaky wezipe ýagdaýyna garamazdan dymmak gerek däl. Ähli ýagdaýlarda hem we hemişe azar bermeleriň we howply özüni alyp baryş ýagdaýlarynyň ählisi barada habar bermek zerurdyr.

**Şahsy gatnaşyklar**

Biziň kompaniýamyz onuň hünär standartlaryna we abraýyna zyýan ýetirilmeginiň töwekgelçiligini doly aradan aýyrmak üçin ähmiýetli güýjini sarp edýär we sarp eder. Şunuň bilen baglylykda biziň işgärlerimiz öz garamagyndakylar, olara hasabat berýän şahslar ýa-da müşderiler, potratçylar, üpjün edijiler we kompaniýanyň adyndan hereket edýän onuň wekilleri hökmünde özara gatnaşygy bolan islendik keseki şahslar bilen ýönekeý dostlugyň çäginden çykýan haýsy hem bolsa şahsy gatnaşyklara eýe bolmaly däldirler.

## Howpsuzlyk we saglygyň goragy




Компания «Ishengir» kompaniýasy we onuň her bir işgäri iş ýerinde howpsuzlygyň berjýa edilmegine we üpjün edilmegine şahsy jogap berýär we iş ýerinde tehniki howpsuzlygyny, saglykwe zähmet goragynyň üpjün edilmegi boýunça kompaniýanyň düzgünlerini we syýasatyny kabul etmelidirler we berjaý etmelidirler. Siz islendik hadysa we betbagtçylykly ýagdaý, şikesler we işleriň howpsuz şertleri barafa iş ýerinde howpsuzlyga jogap berýän bellenilen wezipeli şahsa ýa-da etika meseleleri boýunça jogapkär hökmünde işgärler boýunça menejere haýal etmän habar bermäge borçlanýarsyňyz.

## Kommunikasiýa ulgamlary, mobil we telefon aragatnaşygy, elektron poçtasy we internet



Size «Ishengir» kompaniýasynyň kommunikasiýa ulgamlaryndan, şol sanda internetden we elektron poçtasyndan siziň işiňize kömek üçin iş maksatlarynda ulanmak mümkinçiligi berilýär. «Ishengir» kompaniýasynyň kommunikasiýa ulgamlary gelşiksiz materiallary ýa-da siziň işgärleriňiz üçin kemsidiji häsiýeti saklap biljek materiallary görmek, almak ýa-da bermek üçin ulanylmaly däldir. Bu şeýle hem siziň kompaniýanyň wekili hökmünde ygtyýaryňyz bolan müşderileriň, potratçylaryň we üpjün edijileriň kommunikasiýalarynyň islendik ulgamlaryna hem degişlidir. «Ishengir» kompaniýasynyň şahsy maksatlarda kommunikasiýa ulgamlarynyň çäklendirlen we yzygidersiz ulanylmagynyň zerurlygyna düşünmegine we ykrar etmegine garamazdan, siz «Ishengir» kompaniýasynyň kommunikasiýa ulgamlary arkaly iberlen we alnan ähli habarlaryň monitoringiň we seljerilmegiň predmeti bolup durýandygyna we saklanylyp bilinjekdigine düşünmelidirsiňiz. Şunuň bilen baglylykda, size şahsy durmuşyň el degrilmesizligi ýörelgesiniň berjaý edilmegine bil baglamak gerek däl. Size gulluk borçlaryňyzy ýerine ýetirmek üçin berlen biziň maglumat-tehnologik ulgamlarymyza, maksatnama üpjünçiligimize we internete ygtyýary ulanmaga gatnaşykda biziň kompaniýamyzyň aýratyn beýan edilen takyk syýasatyna siz aň ýetirmelidirsiňiz we düşünmelidirsiňiz. Biziň kommunikasiýa ulgamlaryny ulanmak syýasatymyza Türkmenistanyň kanunçylyk kadalaryna laýyklykda işgärlere ulanylýan maglumatlaryň goragy barada islendik kanunda göz öňünde tutulan çäklendirmeler hem degişlidir.

### 5. MÜŞDERILERIŇ ÖŇÜNDÄKI JOGAPKÄRÇILIK



Biz öz müşderilerimiziň gyzyklanamalaryny biziň işimizdäki ähli beýleki gyzyklanmalardan ýokarda goýýandygymyza buýsanýarys, we biz hyzmatyň we taslamalaryň hiliniň iň ýokary derejesiniň hasabyna müşderileriň kanagatlanarlylygynyň aýratyn ýokary derejesini üpjün etmäge hemişe ymtylmalydyrys.
.

**Hünär standartlary we özüňi alyp barş**

Biz özümiziň işleýän islendik taslamalarymyzda hünär standartlaryny berjaý ederis. Biziň müşderilerimiziň jaýlaryndan bolmak bilen, biz özümiz barada biziň kompaniýamyzyň imidjine oňyn täsir etjek garaýyşy döretmek bilen özümizi mynasyp görnüşde we professional alyp barmalydyrys.

**Müşderiler barada maglumatlar**




Biz öz müşderilerimiz we onuň halka ýaýradylmagy, husust ýa-da gizlin nukdaýnazaryndan ähmiýetli bolup durýan müşderiler baradaky maglumatlary, şeýle hem, özümiziň hususy maglumatymyz hökmünde pugtagorarys. Bu biziň müşderilerimiz bilen ýerine ýetirmegi barada ylalaşan ulanylýan islendik şertnama çäklendirmelerini işgärlerimiziň düşünmegini we berjaý etmegini göz öňünde tutýar. Bize degişli göwnejaý rugsadyň berlendigi takyk mälim bolan ýagdaýdan ýaşga ýagdaýlarda biz hem müşderiniň özüne degişli bolan, hem «Ishengir» kompaniýasynyň çäginden daşarda müşderi barada maglumaty biz ara alyp maslahatlaşmarys we ýaýratmarys. Eger köpçülikleýin habar beriş serişdesiniň wekili haýsy hem bolsa bir wagt sizden müşderi bilen bagly ýa-da oňa degişli bolan maglumata teswirleri bermegi haýyş etse, siz ilkibaşda müşderiniň razylygyny almalydyrsyňyz we siziň ähtimal jogaplaryňyzy kompaniýanyň ýolbaşçylary bilen ara alyp maslahatlaşmalydyrsyňyz

**Müşderi bilen bagly gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy**




Biz eger müşderiniň gyzyklanmalary «Ishengir» kompaniýasynyň beýleki müşderileriniň ýa-da kompaniýanyň özüniň gyzyklanmalary bilen gapma-garşylyga getirip biljek müşderi üçin, ilkibaşda gyzyklanmalaryň şeýle mümkin bolan gama-garşylygy barada maglumaty açmazdan we şeýle gapma-garşylygagaramazdan biziň onuň üçin işleri dowam etdirmegimizi isleýändigi beýan edilýän ýazmaça tassyklamany almazdanişleri alyp barmarys.Olar barada maglumatlaryň öňünden açylmagyny talap edýän gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň mysaly hökmünde haçanda taslamany dolandyrmak boýunça Topar müşderä haýsy hem

bolsa bir taslamany, Taslama-Inženerçilik topary bolda şol bir taslamada potratçynyň gyzyklanmalary bilen çykyş edýän ýagdaýyny atlandyryp bolar.

Gyzyklanmalaryň mümkin bolan gapma-garşylygynyň ýüze çykmagynda bu barada taslamanyň degişli menejerine ýa-da kompaniýanyň etika meseleleri boýunça düzgünleriň üpjün edilmegi we berjaý edilmegi boýunça jogapkärçilik çekýän menejerine habar berilmelidir. Taslama menejerleri kompaniýanyň etika meseleleri boýunça düzgünleriň üpjün edilmegi we berjaý edilmegi boýunça jogapkärçilik çekýän menejeriniň makullamasyny almak bilen «Ishengir» kompaniýasynyň ol ýa-da beýleki müşderi üçin, oňa şeýle mümkin bolan gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy barada ýazmaça öňünden habar bermek we ondan degişli razylygy almak bilen işi dowam edip biljekdigi ýa-da bilmejekdigi barada, we eger dowam etdirip bilende, haýsy ýagdaýlarda dowam etdirip biljekdigi barada çözgüdi kabul eder.



**Ygtyýarnama bermek**

Eger işiň kesgitli görnüşi amala aşyrlan ýagdaýynda ygtyýarnamanyň öňünden alynmagy kanuny taýdan talap edilýän bolsa, onda biz tarapyndan degişli girdejiniň aýrylmagyna getirip biljek hiç bir iş degişli ygytýarnamany almazdan amala aşyrylmaýar.Haçanda degişli ygtyýarnama ýa-da müşderi tarapyndan alnan ygtyýarnama bolmazdan biziň kompaniýamyz tarapyndan ähli işleri amala aşyrmaga, şeýle hem hyzmatlary amala aşyrmaga, onuň mätäçligi üçin biziň kompaniýamyzyň önümlerini üpjün etmegi ýa-da öndürmegi amala aşyrmaga mümkinçilik berýän işleriň amala aşyrylmagyna kanunçylyk taýdan ýol berilýän ýagdaýlar aýratyn bolup durýar.



**Müşderiler – döwlet kärhanalary, guramalar we pudaklar**

Biz müşderiler – döwlet kärhanalary, guramalar we pudaklar bilen işleri alyp baranymyzda kanunda we şertnamada göz öňünde tutulan ähli borçlaryň ýerine ýetirilmegi baradaky meselä aýratyn eserdeňlik bilen çemeleşmelidiris. Döwlet we ýerli häkimýet edaralarynda jemgyýetçilik we döwlet gyzyklanmalaryny giramak üçin kabul edilen özleriniň aýratyn we umumy kabul edilen täjirçilik gurşawynda köplenç laýyk gelmeýän kadalaşdyryjy ýa-da bölek kadalaşdyryjy namalary we hususy zerurlyklary üçin hyzmatlary amala aşyrmak ýa-da satyn almalary amala aşyrmak barada içerki buýruklary bolup biler.Umuman, şeýle kanunlar döwlet çinowniklerine ýa-da döwlet kärhanalarynyň we guramalarynyň işgärlerine hödürlenilýän sowgatlara, göwün açmalara we saparlara gatnaşykda has berk çäklendirmeleri kesgitleýär. Olar şeýle hem häzirki wagtda hereket edýän we biraz öň işden giden döwletiň wezipeli şahslaryna ýa-da olaryň maşgala agzalaryna, şeýle hem obýektiw çözgütleriň kabul edilmeginiň işine göwnejaý däl täsir edip biler diýlip ykrar edilen islendik hereketlere degişlidir.

## Gelşiksiz göwün açyş çäreleri



Biz müşderilere, mümkin bolan hyzmatdaşlara, üpjün edijilere ýa-da beýleki işgärlere haýsy hem bolsa gelşiksiz göwün açmalary, şol sanda bar bolanlaryň haýsy hem bolsa birini oňaýsyz ýagdaýa getirip biljek ýa-da gelşiksiz diýlip hasaplanyljak klublara we restoranlara barmagy teklip etmeris. Haýsy hem bolsa çäreleriň gelşiksiz häsiýetine bolan testleriň biri indiki soraga bolan jogapda jemlenýär: Eger şeýle çäre baradaky maglumat halka ýetirilse we umumy elýeterli bolsa näme bolup geçer, bu «Ishengir» kompaniýasyny oňaýsyz ýagdaýa getirermi we biziň kompaniýamyzyň professional abraýyna oňyn däl görnüşde täsir edermi?

## Sowgatlaryň gowşurylmagy



Biz biziň müşderilerimiziň ol ýa-da beýleki işgärlerine ýa-da biziň üpjün edijiler, potratçylar ýa-da kömekçi potratçylar hökmünde işleri alyp barýan ýa-da özara gatnaşygymyz bolan beýleki üçünji şahslara sowgatlaryň gowşurulmagy meselesine hemişe jikme-jik çemeleşmelidiris. Siz kabul edijiniň kompaniýasynda hereket edýän iş etikasynyň kodeksiniň bozulmagyna getirip biljek sowgatlary teklip etmeli däldirsiňiz. Deň görnüşde, sowgat «Ishengir» kompaniýasyny şeýle müşderiler bilen işleri alyp barmagynda, eger sowgat barada mälim bolan ýagdaýynda ony oňaýsyz ýagdaýa getirip biljek bolmaly däldir. Kompaniýa tarapyndan gowşurylýan islendik sowagydyň gymmatlygy has uly we käbir zerur gymmatlyk häsiýetine eýe bolmaly däldir, ol sowgadyň bu müşderä biz tarapyndan haýsy hem bolsa işiň dowam edilmegini üpjün edýän para bolup durýandygy barada pikir döretmez ýaly simwoliki bolmalydyr. Biz müşderilerden buýurmalary olara biziň bäsdeşlerimize garaňda has jomart sowgatlary berýändigimiz üçin däl-de, özümiziň oňat işleýändigimiz we öz müşderilerimize aýratyn ýokary hilli hyzmatlary amala aşyrýandygymyz sebäpli alýarys

## 6. IŞ HYZMATDAŞLARYNYŇ, MÜŞDERILERIŇ, POTRATÇYLARYŇ WE ÜPJÜN EDIJILERIŇ ÖŇÜNDÄKI JOGAPKÄRÇILIK

Islendik taslamada biziň işimizde iň ýokary etika standartlaryny berjaý etmek bilen, biz ýurdumyzda adalatly we bäşdeşikli bazary emele getirmäge öz goşandymyzy goşarys.

Biziň üýtgemeýän maksadymyz –diňe adynyň özi has oňat işiň we ýokary hilli taslamanyň sinonimi hökmünde kabul ediljek kompaniýa bolmak. Şunuň bilen baglylykda biz özümiziň işleri alyp barýan adamlaryň saýlanmagynda dykgatlylygy görkezýäris.

### Işleriň ynsaply alnyp barylmagy we bäsdeşlik



Biz müşderiler, potratçylar, üpjün edijiler we biziň kompaniýamyzyň bäsdeşleri bilen işleri ynsaply alyp barmalydyrys. Hiç kim bäsdeşini manipulirlemek ýa-da onuň salgysyna degişli bolan haýsy hem bolsa maglumaty gizlemek, umumy elýeterli bolmadyk maglumatdan hyýanatçylykly peýdalanmak, işleri ynsapsyz alyp barmagyň islendik beýleki usullarynyň kömegi bilen bar bolan delilleri nätakyk beýan etmek arkaly öz bäsdeşinden üstün çykmaly däldir. Biz ynsaply bäsdeşlik barada Türkmenistanyň ulanylýan kanunçylygyny we kadalaşdyryjy hukuk namalaryny ***(hususanda Türkmenistanyň telekeçilik işi barada Kanuny, Söwda işi barada Türkmenistanyň kanuny, Kiçi we orta telekeçilige döwlet ýardamy barada Türkmenistanyň Kanuny, Döwlet zerurlyklary üçin harytlaryň üpjün edilmegine, işleriň ýerine ýetirilmegine we hyzmatlaryň amala aşyrylmagyna tenderler barada Türkmenistanyň Kanuny we beýleki hereket edýän kadalaşdyryjy hukuk namalary)***şol sanda beýlekiler bilen bir hatarda baha diskriminasiýasyna, bahalaryň galplaşdyrylmagyna, we söwdada çäklendirmelere degişli bolan kanunçylyk namalaryny berjäý etmelidiris. Şeýle kanunçylyk erkin telekeçilik ulgamyny goraýar we berk ýňne adalatly bäsdeşlige ýardam edýär.
Biziň ähli iş başlangyçlarymyzda:

- Biz bäsdeşikli göreşe tutanýerli, ýöne adalatly gatnaşarys;
- Biz bäsdeşlerimizi bilen bahalary ýa-da bahalary ýa-da hyzmatlara tölegleri bellemek, iň az bahalary kesgitlemek ýa-da biziň bäsleşýän bazarymyzda beýleki täjirçilik şertlerini kesgitlemek maksady bilen ara alyp maslahatlaşmarys;
- Biz üpjün edijilere we potratçylara olardan bize harytlary we hyzmatlary üpjün etmek hukugyna tutanýerli, ýöne adalatly bäsdeşlik göreşine garaşýandygymyzy anyk düşündireris;
- Biz öz işimizi takyklyk we anyklyk ýörelgeleri esasynda alyp bararys. Biz bilgeşleýin girizilýän ýalňyş pikirlere getirýän habarlary, ähmiýetli delilleriň goýberilmegini we «Ishengir» kompaniýasynyň tekliplerine ýa-da biziň bäsdeşlerimiziň tekliplerine gatnaşykda ýalan beýanlary hemişe kabul ederliksiz hasaplarys;
- Biz müşderilere özümiziň dogrçyllygymyzy we tertipliligimizi görkezmek bilen olar bilen uzak möhletleýin gatnaşyklary gurarys.

Biziň bäsdeşlerimizi barada maglumatlaryň toplanylmagy ol Türkmenistanyň kanunlarynyň düzgünlerine we «Ishengir» kompaniýasynyň «Iş etikasynyň kodeksine» laýyklykda amala aşyrylýan şertinde kanuny iş bolup durýar. Emma welin, biziň işgärlerimiz hiç haçan munuň üçin gelşiksiz ýa-da kanuna garşy usyllary ulanmak bilen, mysal üçin, özüni kimdir biriniň ýerine görkezmek bilen, bäsdeşlik edýän kompaniýanyň işgärine, gös-göni ýa-da üçünji şahs arkaly gizlin maglumaty açmaga ýa-da şeýle maglumata rugsat edilmedik ygryýary almaga iterýän usullary ulanmak bilen bäsdeşler barada maglumatlary almaly däldirler.

**Ykdysady jenaýatlar we parahorçylyk bilen göreş**



Biziň işgärlerimiz öz şahsy serişdelerinden ýa-da kompaniýanyň serişdelerinden nirdedigine garamazdan, hyzmatlaryň we işleriň amala aşyrylmagyna buýurmalary saklamak ýa-da göni ýa-da gytaklaýyn bolsun tapawudy ýok, haýsy hem bolsa adalatsyz artykmaçlyklary almak maksady bilen müşderilere, üpjün edijilere, potratçylara, döwlet çinowniklerine haýsy hem bolsa bikanun, göwnejaý däl we şübheli tölegleri teklip etmeli, amala aşyrmaly ýa-da söz bermeli däldirler, şeýle hem şeýle görnüşli töleglere gatnaşykda ýokarda görkezilen şahslara beýleki garşylyklaýyn kanagatlanma bilen deň bolan şeýle töleglere gatnaşykda haýsy hem bolsa meňzeş borçlary öz üstlerine almaly däldirler.

Türkmenistanda ykdysady jenaýatlar garşy we parahorçylyga garşy göreş maksatlary bilen ykdysady jenaýatlara garşy hereket barada aýratyn kanun kabul edilendir, onda şeýle hem ykdysady jenaýatlaryň ýüze çykmagyna göni ýa-da gytaklaýyn şaýatlyk edýän ýagdaýlar ýa-da paranyň berilmegine mejbur edýän we degişlilikde ykdysady jenaýatyň ýüze çykmagyna getirýän ýagdaýlar hökmünde düşündirilip bilinýän jikme-jik, takyk, we mazmunlaýyn beýan edilýär.
Biziň hyzmatdaşlarymyzyň we potraçylarymyzyň, şeýle hem biziň işleşýän müşderilerimiziň kompaniýalary we biziň kompaniýamyz bilen affilirlenen kärhanalaryň ýerleşýän ýurtlary «Ykdysady hyzmatdaşlyk we ösüş guramasynyň» düzümine girýär, onda şeýle hem «Halkara täjirçilik ylalaşyklarynyň çäklerinde daşary ýurt döwlet wezipeli şahslaryny satyn almaga garşy göreş barada Konwensiýa» adyny alan ylalaşyk kabul edilendir.

Biziň kompaniýalary bilen işleşýän ýa-da hyzmatdaş özara gatnaşyklaryna eýe bolan köp ýurtlar bu ylalaşygyň tarapdary bolup durýarlar we oňa laýyklykda daşary ýurtly wezipeli şahslaryň guramaçylyk hukuk görnüşine bagly bolmazdan olaryň satyn alynmagyny gadagan edýän we takyk we doly hasabat ýazgylarynyň ýöredilmegini talap edýän kanunlary kabul etmäge borçlanýarlar. Mysal üçin, Amerikanyň Birleşen Ştatlarynda «Daşary ýurtlarda ykdysady jeýatlara garşy göreş baradaky Kanun» adyny alan degişli kanun kabul edildi. Şunuň bilen baglylykda kabul edilen kanunlar bütin dünýä boýunça biziň işlerimize ýaýraýar. Biz öz işimizi amala aşyrýan ýerimiz bolan döwletlerde, ýa-da biziň işleşýän kompaniýalarymyz we biziň kompaniýamyz bilen özara gatnaşygy bolan kompaniýalaryň ýerleşýän döwletlerinde hereket edýän görkezilen kanunlary, şeýle hem ykdysady jenaýatlara we parahorçylyga garşy göreş boýunça islendik kanunlary berjaý ederis.

Biz gös-göni bolsun ýa-da haýsy hem bolsa beýleki bir şahs arkaly bolsun tapawudy ýok, döwlet çinowniklerini, şol sanda döwlet kärhanalarynyň işgärlerini korrumpirlemek maksady bilen olara haýsy hem bolsa tölegleri teklip etmeris ýa-da amala aşyrmarys. Bu talaplar olaryň işleýän ýerine bagly bolmazdan, «Ishengir» kompaniýasynyp işgärlerine, geňeşçilerine we beýleki wekillerine ulanylýar. Üçünji şahslar bilen gatnaşykda «Ishengir» kompaniýasynyň adyndan hereket etjek garaşsyz geňeşçini ýa-da wekili işe çekýän işgärler şeýle geňeşçiden ýa-da wekilden olaryň ykdysady jenaýatlara we parahorçylyga garşy göreş boýunça ulanylýan kanunçylygyň talaplaryny berjaý etjekdigi barada ýazmaça tassyknamany almalydyrMaliýe hasabatynyň resminamalarynda ähli ylalaşyklar, aktiwler we borçlar takyk görkezilmelidir we şeýle resminamalar buhgalter hasabatynyň umumy kabul edilen ýörelgelerine laýyk gelmelidir. Kompaniýanyň kitaplaryna we ýazgylaryna haýsy hem bolsa bir ylalaşygyň hakyky häsiýetini gizlemäge ýa-da bulaşdyrmaga niýetlenen hiç bir ýazgylar girizilip bilinmez. Islendik hasaba alynmadyk we gizlin gaznalaryň ýa-da aktiwleriň döredilmegine we bolmagyna ýol berilmeýär.

**Baýkotlar, sanksiýalar we söwda çäklendirmeleri**




Biz «Ishengir» kompaniýasynyň haýsy hem bolda halkara ýa-da bazar içindäki baýkotlara, ýagny haýsy hem bolsa bir döwletiň ýa-da haýsy hem bolsa bir döwletiň kärhanasynyň baýkotyna gatnaşmagyny gadagan edýän we şeýle gatnaşyk barada islendik haýyşlar barada döwlet häkimýet edaralaryna habar bermäge bizi borçlandyrýanbaýkotlara gatnaşmazlyk barada ähli kanunlary we düzgünleri berjaý etmelidiris. Eger siz şeýle haýyşy alan bolsaňyz, ol barada etika meseleleri boýunça menejere ýa-da içerki aragatnaşyk kanallary arkaly gös-göni kompaniýanyň ýolbaşçysyna haýal etmän habar beriň. Biziň kompaniýamyz döwletlere, edara görnüşli taraplara we şahsy taraplara gatnaşykda halkara guramalary tarapyndan goýlan ähli sanksiýalary dolulygyna we gürrüňsiz goldaýar we berjaý edýärwe olar dolulygyna aýrylýança hiç bir derejede ýa-da ýol bererlikli möçberde ony bozmaýar. Eger halkara guramalary we Türkmenistan tarapyndan, ýa-da Türkmenistan tarapyndan goldalan halkara guramalarynyň rezolýusiýalary boýunça döwletlere, kärhanalara, guramalara we şahsy taraplara gatnaşykda kesgitli söwda çäklendirmeleri bolan ýagdaýynda, onda biziň kompaniýamyz haýsy hem bolsa şertler bolmazdan şeýle çäklendirmeler doly aýrylýança olary berjaý edýär.

**Müşderiler bilen gadagan edilen işler**

Biziň kompaniýamyz ulanylýan kanun haýsy hem bolsa işleri alyp barmagy gadagan edýän kärhanalar, guramalar we şahsy taraplar bilen hiç hili özara gatnaşyklary alyp barmaz.

**Biziň işewür hyzmatdaşlaryň, potratçylaryň we üpjün edijileriň dykgatly saýlanylmagy**



Biz «Ishengir» kompaniýasynyň abraýyna zeper ýetirip biljek müşderiler, hyzmatdaşlar, potratçylar we kömekçi potratçylar bilen işleri ýöredip bilmeris. Mysal üçin bilgeşleýin ýa-da hemişe kanuny bozýan islendik kompaniýalar we şahslar bilen haýsy hem bolsa iş gatnaşyklaryndan saklanarys. Biz ulanylýan kanunlar we kadalaşdyryjy namalar olar bilen işleri alyp barmaklygy gadagan edýän bolsa, biz ol ýa-da beýleki kompaniýalar, guramalar bilen işleri alyp barmarys. Iň soňunda hem, biz eger kanun ýa-da şu Kodeks «Ishengir» kompaniýasynyň özüne haýsy hem bolsa bir hereketleri amala aşyrmagy gadagan edýän bolsa, şeýle hereketleri amala şayrmak üçin üçünji şahslary hakyna tutmarys.

«Ishengir» kompaniýasynyň bagly bolup biljek müşderiler, potratçylar, üpjün edijiler, maslahatçylar, bilelikdäki kärhanalar we birleşikler saýlanylanda eserdeňligi ýüze çykarmak zerurdyr.Işgärler biziň adymyzdan işlemek üçin işe çekýän we biziň bilelikde işleri alyp barýan müşderilerimiziň, mümkin bolan müşderileriň we şahslaryň işiniň taryhy, abraýy we özüni alyp barşynyň standartlary barada maglumatyň ýeterlik göwrümde alynmagy üçin jogapkärçilik çekýärler. Biz şeýle hem biziň adymyzdan ýa-da bize hyzmatlary ýa-da harytlary bermek üçin biziň işe çekýän kompaniýalar we adamlar tarapyndan şu Kodeksiň standartlaryny berjaý etmegi üpjün etmek üçin zerur bolan ädimleri kabul edýäris. Kompaniýanyň işgärleri ol ýa-da beýleki müşderilere işlämäge razylykda ýa-da olaryň saýlanylmagynda biziň aýratyn beýän edilen syýasatymyzyň manysyna düşünmelidirler we olary berjaý etmelidirler.

**Puluň ýuwulmagy ýa-da bikanun alnan serişdeleriň legalizasiýasy bilen göreş**

Üpjün etme, enjamlar, materiallar we dolduryjlar pullaryň ýuwulmagy ýa-da bikanun alnan serişdeleriň legalizasiýasy maksatlary üçin ulanylyp bilner. Pullar olar bilen bagly jenaýat işini, mysal üçin, paralaryň alynmagyny, bikanun baýlaşmagy, neşe serişdeleriniň söwdasy, terrorçylykly hereket ýa-da salgytlary tölemekden bikanun ýüz öwürmek bilen bagly jenaýat işlerini gizlemek üçin «ýuwulýar». Pullaryň ýuwulmagy pullaryň hakyky çeşmesini erkin dolandyrmak üçin ony gizlemäge kömek edýär. Pullary ýuwýan şahs mysal üçin oňa eglişik etmäge we resminamada görkezilýän satyn alma bahasyny hakyky bahasy bilen deňeşdireniňde peseltmäge taýýar bolan satyjydan materiallary, enjamlary ýa-da onuň üstüni dolduryjylary satyn alyp biler, we şeýle görnüşde puluň ýuwulmagyna gyzyklanma bildirýän öz kontragentine soňra bolsa hakyky bahasyndan satmaga mümkinçilik berip, şunlukda “stoluň aşagyndan” tapawudy alyp biler. Bu mysallaryň diňe biridir we pullaryň ýuwulmagy we bikanun alnan serişdeleriň legalizasiýasy boýunça işler köp dürli görnüşlerde amala aşyrylyp bilner.



Biz pullaryň ýuwulmagyna ýa-da bikanun alnan serişdeleriň legalizasiýasyna degişli ähli ulanylýan kanunlary berjaý ederis. Biz hiç haçan pullaryň ýuwulmagy ýa-da bikanun alnan serişdeleriň legalizasiýasy boýunça haýsy hem bolsa bir çyzylara bilgeşleýin gatnaşmarys, ylalaşyk boýunça alnan jemleri resminamalarda peseldip görkezmeris, ýa-da salgytlary tölemek boýunça borçlary ýerine ýetirmekden erbet niýet bilen boýun gaçyrmarys. Mundan başga hem, biz biziň müşderilerimiz, potratçylarymyz we üpjün edijilerimiz bilen tanyşmak we biziň habarymyzy bolmazdan biziň pullaryň ýuwulmagy ýa-da bikanun alnan serişdeleriň legalizasiýasyna ýardam üçin ulanylmagymyzyň ähtimallygyny azaltmak üçin biz parasatly ädimleri kabul ederis. Biz öz tarapymyzdan pullaryň ýuwulmagy ýa-da bikanun alnan serişdeleriň legalizasiýasy barada «erbet niýetli bilmezlige ýol bermeris». Eger size haýsy hem bolsa şübheli ylalaşyk barada mälim bolsa, siz bu barada biziň Kodeksimiziň soňky sahypasynda ýa-da biziň kompaniýamyzyň Internetdäki resmi saýtynda görkezilen biziň gös-göni menejerimize ýa-da etika meseleleri boýunça jogapkär menejerimize ýa-da kompaniýanyň ýolbaşçylaryna habar bermelidirsiňiz.

**Satyn almalar tejribesi we sowgatlary we paralary almaga gatnaşykda gadaganlyk**

Satyn almalar barada çözgütler diňe «Ishengir» kompaniýasynyň we biziň müşderimiziň gyzyklanmalaryndan ugur alnyp kabul edilmelidir we olaryň amala aşyrlan pursatynda hereket edýän kompaniýanyň satyn almalara gatnaşykda has takyk düzgünlerine laýyk gelmelidir.

Biziň çykdajylarymyza netijeli täjirçilik we maliýe gözegçiligi üpjün etmek üçin, ilkinji nobatda biziň kompaniýamyz satyn almalara gatnaşykda borçlary kabul edýär we hasap-fakturalary we inwoýslar boýunça tölegleri amala aşyrýar, şeýle borçlar we tölegler kompaniýanyň çäginde degişli görnüşde ylalaşylan bolmalydyr. Bu iş kesgitli rugsatlary almaga gatnaşykda kompaniýanyň syýasaty tarapyndan düzgünleşdirilýär we beýleki jähtlerde dürli taslamalarda ýa-da biziň kompaniýamyzyň dürli departamentlerinde dürlüçe amala aşyrylyp bilner. Bu işiň maksady –çözgütler üçin maliýe departamenti tarapyndan gözegçiligi üpjün etmek, oňa laýyklykda kompaniýa hojalyk çykdajylarynyň maksadalaýyklygy, alnan hyzmataryň we harytlaryň ýöritenamalara laýyklygy, şeýle hem hasap-fakturalaryň ýa-da inwoýslaryň kanunda kesgitlenen talaplara we umuman satyn almalaryň ulanylýan düzgünlerine laýyklygy bilen çykdajylar boýunça borjy öz üstüne alýar. Maglumatyň doly içerki açylmagy we zerur bolan rugsatlaryň alynmagy bolmazdan biziň işgärlerimiziň hiç biri «Ishengir» kompaniýasynyňislendik potratçylardan ýa-da kompaniýanyň işgärleriniň garyndaşlarynyň gözegçiligi astynda bolan potratçylardan islendik jynsly haýsy hem bolsa harydy ýa-da hyzmaty satyn almagyny ol kompaniýanyň özi üçin bolsun ýa-da ýa-da öz müşderileri üçin bolsun tapawudy ýok, bilgeşleýin gönükdirip ýa-da mejbur edip bilmez. «Ishengir» kompaniýasy harytlary we hyzmatlary diňe olaryň bahasyndan, hilinden, peýdalanyş häsiýetlerinde we ýaramlylygyndan ugur alyp satyn almalydyr. Biz hiçi hili gelşiksiz ýa-da bikanun ylalaşyklary, ýa-da we haýsy hem bolsa bir görnüşde hasabatlaryň maglumatlarynyň ýa-da ylalaşygyň haýsy hem bolsa bir tarapynyň işiniň netijeleriniň ýoýulmagyna niýetlenen gelşiksiz ýa-da bikanun berilýän ylalaşyklary baglaşmarys.

Siz hiç haçan pul görnüşinde bolsun, göwün açyş çäresi görnüşinde bolsun ýa-da başga bir sylaglama görnüşinde bolsunmgt haryt we hyzmatlar ýa-da siziň harytlary, materiallar, enjamlary, dolduryjy ýa-da kompaniýanyň adyndan onuň islendik müşderileri üçin hyzmatlary satyn alýan potratçylardan ýa-da üpjün edijilerden para görnüşinde bolsun tapawudy ýok, haýsy hem bolsa sowgatlary talap etmeli, haýyş etmeli ýa-da kabul etmeli däldirsiňiz. Bu düzgünden ýeke-täk kadadan çykma eger şeýle ownuk sowgatlardan ýa-da göwün açyş çärelerine gatnaşmakdan boýun gaçyrmak siziň ynsaply garaýyşyňyzdan ugur alyp gelşiksiz bolsa we, eger göwün açyş çäresi olaryň bolmazlygynda satyn almalar barada oňyn çözgüdi üýtgetmäge çagyrylmadyk bolsa, we şeýle görnüşde kabul edilmeýän bolsa we eger sowgat ýa-da bu bahasy uly bolmadyk ýa-da simwoliki bolan üns alamatlaryny kabul edip işewür göwün açyş çärelerine gatnaşyp biljekdigiňizdir.

## 7. KOMPANIÝANYŇ ÖŇÜNDÄKI JOGAPKÄRÇILIK



Ähli işgärler, wezipeli adamlar we direktorlar biziň aktiwlerimiziň goraglylygyny we olaryň netijeli peýdalanmylmagyny üpjün etmelidirler. Ogurlyk, sowuk-salalyk we puly artykmaç sowup-sowurmak, kompaniýanyň düşewünt almagyna gönüden-göni täsir edýär. Kompaniýanyň ähli emlägi kanuny işewürlik maksat bilen ulanylmalydyr. Ondan başga-da, biz özümiziň maliýe işimiziň hasaba alnyşy barada anyk we doly resminamalary taýýarlamalydyrys we tabşyrmalydyrys, şeýle-de Türkmenistanyň hemme kanunlaryny berjaý etmelidiris.

### Gizlin maglumat

Gizlin ýa-da ähmiýetli hasaplanylýan maglumatlaryň kesgitli sanawyny düzmek mümkin däl bolmagyna garamazdan, aşakda umuman gizlin ýa-da ähmiýetli hasaplanan maglumatlaryň käbiri getirildi:



- işiň maliýe netijeleri, aýratynam ýylyň jemi boýunça iş netijeleri, şeýle hem işiň maliýe netijeleri, maliýe ýagdaýy ýa-da likwidliligi boýunça bolan ähmiýetli üýtgemeler;
- kompaniýanyň çaklama maglumatlary we strategiki meýilnamalary;
- bolup biljek birleşmeler we goşulyşmalar; şeýle hem kärhananyň, kompaniýanyň golçur ýa-da affilirlenen kärhanalarynyň aktiwleriniň satylmagy;
- kompaniýanyň işindäki düýpli üýtgemeler ýa-da onuň iş ugrunyň çalşylmagy, şeýle hem bu çygyr boýunça ähmiýetli wakalar;
- aktiwleriň ýa-da hyzmatlaryň bahasynyň düýpli üýtgemegi, şeýle hem bu çygyr boýunça ähmiýetli wakalar;
- kompaniýanyň ýolbaşçylar düzümindäki üýtgemeler;
- kazyýetde düşünişmek işiniň alnyp barylmagy, şunuň ýaly işiň bolmak ýa-da tamamlanmak mümkinçiligi.

Maglumatyň umuman bütewiligine elýeterli bolar ýaly edilip ýaýradylmagyna çenli, ol gizlin bolmak bilen hemmeler üçin umumy elýeterli hasaplanmaýar. Bu talap adatça, kompaniýanyň saýtynda press-reliz çykarmak arkaly ýerine ýetirilýär. Umumy eleýterli edilmedik ýa-da gizlin maglumat, olýa-da başga görnüşde özüne mälim bolup biljek aýry-aýry direktorlara ýa-da başga işgärlere degişi däldir we ol “Ishengir” kompaniýasynyň hususy eýeçiligi hasaplanylýar. Umumy elýeterli edilmedik ýa-da gizlin maglumatlary özüniň betnebis bähbitleri üçin ulanan, ýa-da işewürlik däl maksatlar bilen başga adamlara aýan eden islendik adam, “Ishengir” kompaniýasynyň bähbitlerine zyýan ýetirýär.

**Daşarky aragatnaşyklar**



Kompaniýanyň adyndan korporatiw meseleler boýunça kompaniýanyň Baş direktory, onuň orunbasarlary, kompaniýanyň gönüden-göni ýolbaşçysynyň bolmadyk ýagdaýynda, onuň esaslandyryjysy çykyş edip biler. Öňki sözlemde agzalanlardan başga işgärleriň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň soraglaryna we korporatiw meseleler boýunça gaýry adamlaryň soraglaryna jogap bermeklige rugsat edilmeýär. Şeýle soraglar kompaniýanyň baş direktoryna ýa-da onuň orunbasarlaryna iberilmelidir, olar bolsa öz gezeginde kompaniýa tarapyndan bu soraga nähili jogap berilmelidigini çözmelidirler. Köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň soraglary ähmiýetli däl bolan ýagdaýynda, bu soraga jogap berilmezinden öňürti kompaniýanyň işgärleri korporatiw meseleler we daşarky gatnaşyklar boýunça kompaniýanyň ýolbaşçylaryna ýüz tutmalydyrlar we olardan maslahat almalydyrlar. Kanun ýa-da kazyýetiň çözgüdi esasynda köpçülikleýin habar berilýän maglumatlar boýunça Kodeks tarapyndan gadaganlyk girizilmeýär. Üstesine biz degişlilikdäki borçlarynyň ýerlikli ýerine ýetirilmeginiň çäklerinde direktorlar tarapyndan edilýän haýsydyr-bir görnüşde habar berilmegini gadagan etmeýäris. Täzelikleriň ýaýradylmak düzgünlerine laýyklygyny we yzygiderligini üpjün etmek maksady bilen, ähmiýetli korporatiw meseleler boýunça täzelikleriň goýberilmegine Kompaniýanyň baş direktory ýa-da onuň orunbasarlary jogapkär bellenýärler. “Çalasyn” kompaniýasynyň işgäri ähmiýetli hasaplanýan maglumaty aýan eden ýagdaýynda, biz maglumatyň köpçülikleýin aýan edilmegi babatdaky talaplaryň doly berjaý edilmek maksady bilen, täzelikleri neşir etmek zerurlygy baradaky mesele boýunça seljerme geçireris.

Kompaniýanyň içindäki ähmiýetli däl korporatiw wakalar barada täzelikleriň neşir edilmegi ýa-da ýaýradylmagy boýunça borçlar, şol çäreleriň durmuşa geçirilmegi ýa-da dolandyrylmagy bilen gönüden-göni meşgullanýan kompaniýanyň işgärlerine tabşyrylýar.

**Şahsy gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy**



Şahsy gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy babatdaky mesele, haçanda haýsydyr-bir şahsyň şahsy ýa-da özbaşdak gyzyklanmalary, umuman kompaniýanyň gyzyklanmalary bilen gapma-garşy bolan ýagdaýynda üns bermeklige mynasypdyr. Gapma-garşylyk ýagdaýy, haçanda işgär ýa-da wezipeli adam, kompaniýa üçin öz işini ýerine ýetirmegine obýektiwlilik ýörelgelerine eýermegi bilen baglylykda päsgel berýän hereket eden ýagdaýynda, ýa-da onuň şunuň ýaly gyzyklanmasy bolan ýagdaýynda ýüze çykyp biler. Şonuň ýaly-da, şahsy gyzyklanmalaryň gapma-garşylygy, haçanda işgär ýa-da wezipeli adam, ýa-da onuň maşgala agzalary kompaniýada eýeleýän wezipesi mynasybetli özlerine degişli däl peýda gazanan ýagdaýynda hem ýüze çykyp biler. Biziň işgärlerimiziň ýa-da wezipeli adamlarymyzyň hiç biri, “Ishengir” kompaniýasy bilen bäsdeşlik etmekige ýa-da şahsy ýa-da maşgala agzalarynyň gyzyklanmalarynyň “Ishengir ” kompaniýasynyň adyndan çykyş edilýän ýaly bolup görünmegine ýa-da täsir etmegine ýol bermeli däldirler. Şeýle ýagdaýlara degişli maglumat haçanda dolulygyna Baş direktora ýa-da kompaniýanyň

esaslandyryjysyna aýan edilende we onuň tarapyndan ýazmaça razylyk berlende rugsat berlip bilner. Aýan etmeklige we öňünden ylalaşmaklyga degişli hasaplanýan, “Ishengir” kompaniýasy bilen onuň işgärleriniň arasynda bolup biljek gyzyklanma gapma-garşylyklary babatda käbir mysallar aşakda getirilýär:

- “Ishengir” kompaniýasy bilen geleşikde gyzyklanmasynyň, ýa-da “Ishengir” kompaniýasynyň müşderiniň adyndan geleşige gyzyklanmasynyň bolmagy;
- paýynyň ýa-da başga täjirçilik gyzyklanmasynyň bolmagy, şol sanda “Ishengir” kompaniýasynyň bäsdeş-kompaniýasynda, üpjün edijisinde, müşderisinde, şeýle hem Ishengir” kompaniýasy bilen iş alyp barýan ýa-da meýilleşdirýän guramada işlemegi, munuň özi, gyzyklanma we gatnaşyk derejesiniň degişli şahs üçin beýleki ýuridiki tarapa düýpli täsir etmeklige mümkinçilik berýändigini aňladýar. Şeýlelik bilen, eger-de siz, mysal üçin, Ishengir” kompaniýasy bilen iş alyp barýan kompaniýada ähmiýetli möçberde paýnama eýe bolsaňyz, emma şol bir wagtyň özünde hut özüňiziň maýa goýumyňyz diňe biraz bölekden ybarat bolsa, onda siz şunuň ýaly gyzyklanma gapma-garşylygy barada kompaniýanyň ýolbaşçylaryna habar bermeklige, hatda siz şol kompaniýa bilen işlemek boýunça gönüden-göni çözgüt kabul etmeýän hem bolsaňyz borçlysyňyz;
- Ishengir” kompaniýasy tarapyndan materiallar, enjamlar ýaly emläk hukugynyň satyn alynmagy ýa-da Ishengir” kompaniýasynyň paý eýeçiligi bolan kärhana gatnaşmak. Kodeks, kompaniýa tarapyndan kabul edilen maksatnamalara laýyklykda amala aşyrylýan bilelikde maýa goýumlaryny oýmak işini goşmaça tassyklamaklygy talap etmeýär, ol wagtal-wagtal işgärleriň ýa-da wezipeli adamlaryň käbirlerine gatnaşmak üçin hödürlenilip bilner we kompaniýanyň öz müşderileri babatdaky gyzyklanmalaryna jogap bermek bilen kompaniýanyň işgärleriniň we onuň müşderileriniň gyzyklanmalarynyň biri-birine laýyk bolmagyny üpjün eder;
- Ishengir” kompaniýasy bilen iş alyp barýan ýa-da meýilleşdirýän islendik şahsy ýa-da ýuridiki tarapdan, şol sanda onuň potratçylaryndan ýa-da üpjün edijilerinden, Ishengir” kompaniýasy bilen bäsdeş kompaniýalardan sowgat almak, haýsydyr-bir zatlary ýa-da hyzmatlary, karz, töleg almak, muňa birwagtyň özünde aşakda görkezilen şertleriň hemmesi ýerine ýetirilen ýagdaýy degişli däldir:
- munuň özi, degişli iş tejribesine ters gelmeýär;
- paýhasly delillerden ugur alyp, şunuň ýaly sowgat, kömek, karz we ş.m. işewürlik gatnaşyklar üçin gyzyklandyryjy esas ýa-da para hökmünde hasaplanmaly däldir;
- şunuň ýaly sowgadyň, kömegiň, karzyň bahasy uly däl bolmak bilen ol hiç-hili gymmatlyga eýe däl;
- bu barada köpçülige aýan edilmegi “Ishengir” kompaniýasyny oňaýsyz ýagdaýa salmaýar.

- sowgat, kömek, karz bermek, aýratyn häsiýetli hyzmat etmek, töleg tölemek ýa-da islendik görnüşli aýratyn mümkinçilik bermek, şonuň bilen birlikde haýsydyr-bir ýuridiki tarapa ýa-da döwlet emeldaryna mynasyp däl täsir etmek we olary “Işeňňir” kompaniýasynyň ýa-da siziň artykmaçlyk gazanmagyňyz üçin hereket etmeklige gyzyklandyrmak.

Potensial gyzyklanma boýunça gapma-garşylyk bolan ýagdaýynda, bu baradaky habar, ylalaşmak üçin ýolbaşçylara ýetirilmelidir we ahlak kadalary boýunça menejere aýan edilmelidir. Şonuň ýaly hem, baş direktoryň ýa-da kompaniýanyň gönüden-göni esaslanydyryjysynyň razylygyny almak gerek bolmagy hem mümkindir. Üstesine şunuň ýaly razylyk berlip bilner, sebäbi teklip edilýän geleşik, özi baradaky maglumatlary doly aýan edileninden soňra we mazmuny boýunça seredilende kompaniýa hem-de onuň müşderleri üçin bähbitli bolup biler, şonuň üçinem täjirçilik nukdanazardan maksadalaýyk hasaplanar.

**Işgärleriň şahsy işi**

“Ishengir” kompaniýasynyň işgärleri, özleriniň kompaniýadaky gulluk borçlaryny ýerine ýetirmeklige ters täsir edip biljek ýa-da “Ishengir” kompaniýasynyň abraýyna negatiw täsirini ýetirip biljek gaýry işlere gatnaşyp bilmezler. Kompaniýanyň täjirçlik işinde bolşy ýaly, biz şahsy häsiýetli islendik amallary aňrybaş dogruçyllyk we açyklyk bilen ýerine ýetirmelidiris. Sebäbi biziň şuňa meňzeş amallary, ýa-da şahsy salgyt, ýa-da maliýe işleri alyp barşymyz baradaky maglumatlaryň köpçülikleýin aýan edilmegi, kompaniýanyň abraýyna otrisatel täsir edip biler.

**Kompaniýanyň mümkinçiliklerini şahsy maksatlar üçin peýdalanmak**

Gyzyklanmalaryň gapma-garşylygynyň ýüze çykmagynyň ýene-de bir görnüşi, kompaniýanyň mümkinçiliklerini şahsy maksatlar üçin peýdalanmak bilen baglydyr. Biziň işgärlerimize we wezipeli adamlarymyza, kompaniýanyň tabşyrygy boýunça ýerine ýetirilýän adaty borçlarynyň ýa-da şol adamyň wezipesini, maglumatlary, korporatiw emläkleri ulanmak netijesinde döreýän mümkinçilikleri şahsy bähbitler üçin peýdalanmak gadagan edilýär. Biziň işgärlerimiziň we wezipeli adamlarymyzyň, degişlilikde mümkinçilik dörän ýagdaýynda onuň kanuny bähbitleri üçin hereket etmeklige kompaniýanyň öňünde borçlanýandyklary sebäpli, siz korporatiw emlägi, maglumaty ýa-da öz wezipäňizi şahsy bähbit gazanmak üçin ulanyp bilmersiňiz.

**“Ishengir” kompaniýasynyň maglumatlaryny, tekliplerini we intellektual eýeçiligini goramak**

Maglumatlar, intellektual eýeçilik we innowasion teklipler “Ishengir” kompaniýasy üçin gymmatly aktiw hasaplanýar. Şunuň ýaly maddy däl aktiwler degişli görnüşde ulanylmalydyr, kesgitlenilmelidir we goralmalydyr, sebäbi olaryň aýan edilmegi kompaniýany onuň bäsdeşlik ukybyndan mahrum edip biler we şonuň üçin hem düýpli ýitgilere sebäp bolup biler.

Kompaniýa degişli bolan gzilin we umumy elýeterli edilmedik, şeýle-de degişliligi däl ýagdaýlarda ulanmaklyk gadagan edilen maglumatlar, beýlekiler bilen bir hatarda öz içine aşakdakylary almalydyr:



- aktiwleri we emläkleri satyn almak ýa-da bermek meýilnamalary;
- içerki maliýe maglumatlary;
- propriýetar tehnologiýalar we programma üpjünçiligi;
- propriýetar ylmy-barlaglary we maglumatlary;
- müşderiler baradaky maglumatlar, şol sanda baha häsiýetli hasabatlar, girdeji we çykdajy modelleri, iş boýunça geljekki meýilnamalar, teklip bermek, şeýle hem hukuk resminamalary bermek baradaky haýyşnamalar;
- täjirçiligiň alnyp barlyşynyň strategiýasy we modelleri;
- täze önümler we olaryň konsepsiýalary hem-de tehnologiýalary baradaky maglumatlar;
- işgärleri sylaglamak we olaryň zähmet haky babatdaky meýilnamalary;
- kazyýetde düşünişmek işini alyp barmak strategiýasy we degişli maglumatlary;
- prosesler baradaky maglumatlar, täjirçilik syrlary, işewürlik tehnologiýalary we işiň iň gowy usullary;
- töwekgelçilikleri we ätiýaçlandyryşy dolandyrmak hakyndaky maglumatlar;
- bize müşderiler tarapyndan ynanylan gizlin maglumatlar.

Kompaniýanyň gizlin maglumatlaryny, haçanda kompaniýanyň täjirçilik işini alyp barmak üçin degişli sebäp bolan ýagdaýynda, ýa-da biz kanun boýunça, mysal üçin, kazyýetde işe seretmek bilen baglylykda ýa-da döwlet edaralary tarapyndan derňew geçirilende, olaryň biziň kompaniýamyza resmi we ýazmaça ýüzlenmesi bilen baglylykda aýan etmeklik maksadalaýykdyr. Şeýle ýagdaýda, gizlin maglumatyň goralmagyny, gizlinlik barada ylalaşyk baglaşmak arkaly üpjün etmek zerurlygy bolup biler. Hatda siz kompaniýadan gidýän hem bolsaňyz, özüňiziň kompaniýada işlän döwrüňizde alnan gizlin maglumatlary, kompaniýanyň işgärlerini ýa-da müşderilerini çekmek üçin ulanmazlyk borjuňyz saklanýar. Eger-de siz şeýle hereketleri etseňiz, siz we siziň indiki iş berijiňiz kompaniýanyň çeken ýitgisiniň öwezini dolmaly bolar. Ondan başga-da, Türkmenistanyň kanunlaryna laýyklykda, özünde täjirçilik syryny saklaýan maglumatlary ogurlamak, ýa-da ony bikanun ulanmak we bermek jenaýatçylykly etmiş hasaplanýar. Bu etmiş, ýuridiki ýa-da şahsy taraplar üçin uly möçberli jerimeleriň salynmagyna, şahsy taraplaryň bolsa azatlykdan mahrum edilmek ýaly jeza berilmegine getirip biler.

**Öňki iş berijiniň öňündäki borçnama**

Biz “Ishengir” kompaniýasynyň täze we geljekki işgärleriniň öňki iş berijileriniň öňündäki borçlaryny hormatlaýarys. Ol borçnamalar, täze işe başlan işgär tarapyndan edilip bilinjek hyzmatlar babatda, ýa-da gizlin we gulluk maglumatlarynyň ulanylmagy ýa-da aýan edilmegi babatdaky çäklendirmeleri öz içine alyp biler. Biz ähli işgärlerimiz tarapyndan özleriniň öňki iş berijileriniň öňündäki şertnamalaýyn, fidusiar borçnamalaryny berjaý etjekdiklerine, şeýle-de olaryň haýsydyr-bir gulluk borjunyň şeýle borçnamalar bilen konflikte girip biljek ýagdaýy bolanynda, “Ishengir” kompaniýasyna säginmezden habar berjekdiklerine umyt bildirýäris. Işe girýän işgärler, “Ishengir” kompaniýasy tarapyndan tabşyrmaklyk göz öňünde tutulyp hakyna tutulan işgärleriň öz gulluk borçlaryny ýerine ýetirmegi üçin bökdençlik döredip biljek islendik bar bolan meselesini çözmelidirler.

**Kompaniýanyň işine bolan gatnaşyk**



“Ishengir” kompaniýasynyň brendini identifisirleýän brendi we logotipi, şeýle hem biziň öz täjirçilik işimizi identifisirlemek üçin kabul edýän beýleki hyzmat ediş nyşanlary, bizi öz bäsdeşlerimizden tapawutlandyrýan wajyp we gymmatly aktiwlerdir. Biziň sözümiz we “Ishengir” kompaniýasynyň işgäri hökmündäki işi, şeýle hem biziň tarapymyzdan täjirçilik çygrynda kabul edilýän çözgütler, biziň bazardaky adymyzy öňe sürmelidir, biziň brendimiziň meşhurlygyny artdyrmalydyr, onuň tanalmagyna ýardam bermelidir. Biz bazarda bir brend bilen çykyş edýäris, şonuň üçinem islendik iş görnüşi we amaly

ýerine ýetirilende biziň "Ishengir" kompaniýasynyň adyna we brendine bolan gatnaşygymyz ähli derejelerde yzygiderli bolmalydyr. degişli razylyk alynmazdan we ýuridiki barlag geçirmezden, biziň adymyzy ýa-da brendimizi ulanmak hukugy üçünji taraplara berilmeli däldir.

**Abraýda düşürmeklige ýol bermezlik**

Kompaniýada işlän döwrüňiziň bütin dowamynda siz kompaniýa babatdaky wepalylygyňyzy berjaý etmeklige borçlusyňyz. Şunuň bilen baglylykda, siz kompaniýa babatda bilkastlaýyn ýa-da esaslandyrylmadyk tankydy bellikleriň edilmegine, ýa-da haýsydyr-bir ýol bilen onuň abraýyny garalamaklyga, meselem, köpçülikleýin habar beriş serişdelerine maglumatlary aýan etmeklige, internetde jemgyýetçilik ulgamlarda betniýetli bellikler etmeklige, diskussion forumlarda ýa-da elektron poçta arkaly ugradylýan hatlarda tankydy pikirleriň aýdylmagyna ýol bermeli dälsiňiz. Kompaniýa zyýan ýetirilen ýagdaýynda olInternet-prowaýderden aýan etmeklige degişli däl maglumaty ýaýradan adam barada maglumat almaklyga kanun esasynda hukuklydyr.

Munuň özi, kompaniýanyň çäklerinde düýpli işewürlik sebäplere eýe bolan we kompaniýanyň işini kämilleşdirmeklige gönükdirilen konstruktiw bellikler etmeklige, ýa-da açyk, dogruçyl pikiriňizi hatda ol negatiw bolýan hem bolsa, haçanda kazyýetde işe seredilende ýa-da döwlet edaralary tarapyndan derňew geçirilende aýtmaklyga siziň hukugyňyzyň ýoklugyny aňlatmaýar. Kazyýetde işe seredilende ýa-da döwlet edaralary tarapyndan derňew geçirilende siz elmydama dogruçyl we ak ýüreklilik bilen jogap bermelisiňiz.

**Affilirlenmedik kompaniýanyň ýolbaşçysynyň ýa-da wezipeli şahsynyň wezipelerini ýerine ýetirmegi**

Siziň başga kompaniýada ýa-da kärhanada ýolbaşçynyň ýa-da wezipeli şahsyň wezipelerini ýerine ýetirmegiňiz kompaniýa üçin bähbitli ýagdaýlary bolup biler, emma edil şonuň ýaly hem, şeýle işiň siziň hut özüňiz, şeýle hem biziň kompaniýamyz üçin düýpli konfliktleriň döremegine getirip biler. Şunuň bilen baglylykda, biz özümiziň kompaniýamyz bilen bagly bolmadyk başga ýuridik tarapda işgäriň ýa-da wezipeli şahsyň wezipesini ýerine ýetirmegiňize rugsat berip boljak ýagdaýlar babatda ulanyp boljak syýasatyň aýry-aýry ýörelgelerini göz öňünde tutduk. Siz bu syýasaty öwrenmelisiňiz we şunuň bilen baglylykdaky zerur bolan içerki proseduralary ýerine ýetirendigiňize göz ýetirmek üçin şu wezipäni eýelemeklige razylyk bermekden öňürti biziň ahlak kadalary boýunça menejerimiz bilen maslahatlaşmalysyňyz.

**Ведение точных и полных записей и публичное раскрытие информации**



Biz anyk we doly ýazgylary ýöretmeklige, şol sanda müşderilerimiz babatda hem ýazgy ýöretmeklige borçludyrys. Kompaniýanyň kitaplarynda, sanawlarynda, registrlerinde, programmalarynda we ýazgylarynda, şeýle hem biziň müşderilerimiz üçin ýöredilýän kitaplarda, sanawlarda, registrlerde, programmalarda we ýazgylarda hiç-hili nätakyk, ýalňyşdyryjy ýa-da ýalan maglumatlar bolmaly däldir. Hiç-hili serişdeler ýa-da aktiwler haýsydyr-bir bikanun ýa-da kanuna garşy maksatlar üçin kompaniýanyň dolandyrmagy astynda bolup bilmez. Ähli aktiwler, borçnamalar we geleşikler takyk we doly resmileşdirilmek bilen kompaniýanyň hasaba alyş ýazgylarynda görkezilmelidir. Müşderilere ýa-da beýleki üçünji taraplara hasaplary resmileşdirmeklige jogap berýän "Ishengir" kompaniýasynyň işgärleri, doly maglumatlara esaslanylan we esas hökmündäki şertnamalaýyn borçnamalary görkezýän anyk hasaplary taýýarlamak maksady bilen maksimum üns bermelidirler.

Kompaniýanyň adyndan maglumatyň köpçülige aýan edilmegine jogap berýän ähli işgärler, biziň tarapymyzdan Salgyt bölümine, Döwlet statistika müdirligine we kompaniýa tarapyndan maglumatlaryň ýa-da hasabatlaryň yzygiderlilik bilen berilmegi babatynda kadalaşdyryjy borçnamasy bar bar bolan döwlet edaralaryna tabşyrylýan hasabatlarda we resminamalarda biziň maglumatlarymyzy doly, obýektiw, anyk, özwagtynda we takyk aýan etmeklige akýüreklilik bilen çalyşmalydyrlar.

**Maliýe jogapkärçilik we hasabat**

"Ishengir" kompaniýasy, umumy kabul edilen buhgalterçilik hasap ýörelgeleriniň we biziň buhgalterçilik hasabyna hem-de audite gözegçilik etmek boýunça içerki proseduralarynyň berjaý edilmegini talap edýär. Biziň işgärlerimiz kompaniýamyzyň hasap we maliýe ýazgylaryny ýöretmelidirler we şolaryň esasynda, degişli ýurisdiksiýalar boýunça degişli kanunlara laýyklykda hasabat taýýarlamalydyrlar we tabşyrmalydyrlar. Bu ýazgylar we hasaplar, kompaniýanyň aktiwlerini, borçnamalaryny, girdejilerini we çykdajylaryny jikme-jik açyp, obýektiw we anyk görkezmelidirler.

**Sarp edilen wagt we çykdajylar barada hasabat**

"Ishengir" kompaniýasynyň ähli işgärleri, biziň syýasatymyza laýyklykda, döwlet kadalaşdyryjy hukuknamalar we içerki düzgün-nyzam tertibi esasynda göz öňünde tutulan, sarp edilen wagt we çykdajylar barada hasabat bermegiň mehanizmlerini ulanmak bilen, sarp edilen wagt we çykdajylar barada özwagtynda, anyk we doly hasabat tabşyrmaklyga borçludyrlar.

**Hukuk resminamalary almak**

Size kazyýet resminamasynyň gowşurylan ýagdaýynda, sizden bada-bat üns berilmegi talap edilýär. Kompaniýanyň ýolbaşçylaryna, geljekde kompaniýanyň hukuk bölümi bilen hukuk meselelerini öwrenmek üçin säginmezden habar beriň, şeýle hem şunuň ýaly resminamanyň nusgasyny kompaniýanyň esaslandyryjysyna ýollaň. "Ishengir" kompaniýasy babatda müşderiler ýa-da başgalar tarapyndan bildirilip bilinjek şikaýatlaryň, nägilelikleriň hemmesi boýunça, hatda olar hukuk resminamasy hökmünde degişlilikde resmileşdirilmedik hem bolsa, şunuň ýaly çemeleşilmelidir.

**Resminamalary gorap saklamak**

Siz, kompaniýanyň resminamalary saklamak boýunça ýörite syýasaty we degişli kanunlara laýyklykda saklanýan, natural görnüşdäki resminamalary, şeýle hem elektron görnüşdäki resminamalary we elektron poçta arkaly ugradylýan hatlary öz içine alýan işewürlik ýazgylaryny ýöretmelisiňiz. Siz hiç haçan kompaniýanyň ýazgylaryny bilkastlaýyn ýok etmeli dälsiňiz, olar kazyýetde işe seredilende ýa-da döwlet edaralary tarapyndan derňew geçirilende gerek bolup bilerler.



## 8. JEMGYÝETIŃÖŃ ÜNDÄKIJOGAPKÄRÇILIK

Biziň kompaniýamyzyň täjirçilik işi diňe bir Türkmenistanyň çäklerinde amala aşyrylmak bilen çäklenilmeýär, ol onuň çäklerinden daşarda, beýleki ýurtlarda, affilirlenen kompaniýalaryň, şeýle hem hyzmatdaşlaryň kompaniýalarynyň üsti bilen iri we kiçi şäherlerde amala aşyrylýar. Biz ilatly nokatlaryň hemmesinde, özümiziň işleýän sebitimiziň ýerli ýaşaýjylarynyň durmuşynyň gowulanmagy üçin mümkin bolan hemme çäreleri görmelidiris.

### Halkara gatnaşyklar

“Ishengir” kompaniýasy, özüniň täjirçilik işini alyp barýan ýurtlarynda, ýa-da öz işine gönüden-göni ýa-da göçme manyda degişli bolup biljek işlerde we gyzyklanmalarda öz borjuna düşünýär.



Biz özümiziň işleýän sebitlerimiziň hemmesinde, jemgyýetçilik we raýat jogapkärçiligini ýokary derejede berjaý edýän kompaniýa hökmünde herkeet etmeklige çalyşarys.

### Daşky gurşawa zyýanly täsir edilmegine ýol bermezlik



Biz daşky gurşawyň goragy babatynda, özümiziň işimize, şonuň ýaly-da müşderilerimiziň işine degişlilik derejesine görä, ähli ulanyp bolýan kanunlary we düzgünleri berjaý ederis.Biz, biologiki we himiki taýdan howply galyndylaryň gaýtadan işlenilmegine we ýok edilmegine degişli bolan proseduralary dykgat bilen ulanarys. Bu kanunlaryň we düzgünleriň berjaý edilmek maksady bilen, biz özümiziň işimiziň daşky gurşawa nähili görnüşde täsir edip biljekdigine düşünmelidiris. Howply önümler bilen dogry işlemegiň ähli talaplaryny ýerine ýetirmelidiris we daşky gurşawa zyýan ýetirip biljek howply maddalaryň zyňyndylary, olaryň nädogry ýok edilmegi bilen bagly bolan islendik wakalar barada kompaniýanyň ýolbaşçylaryna säginmezden duýdurmalydyrys.

### Çaga zähmedi

Biz 16 ýaşyndan kiçi ýaşly şahslary işe kabul etmeýäris. Şunuň ýaly şahslar diňe kanun we ahlak kadalary boýunça rugsat berlen ýagdaýynda, olaryň saglygyna we aman-esenligine zyýan ýetirmeýän görnüşde amala aşyrylýar.

Biz çaga zähmediniň wyždansyzlyk ýa-da rehimsizlik bilen ulanylmak tejribesi bilen meşgullanmarys, çaga zähmediniň wyždansyzlyk ýa-da rehimsizlik bilen ulanýan potratçylaryň ýa-da olaryň wekilleriniň hyzmatyndan peýdalanmarys, şonuň ýaly ýuridiki taraplar bilen bilelikdäki kärhanalary döretmeris.Taslamalary dolandyrmak babatda işe kabul edilmegi bilen baglylykda, biz üçünji taraplaryň kada laýyk gelmeýän islendik hereketleri barada maglumat bereris we olara degişlilikde habarnama ibereris.

**Jemgyýetçilik işi**



“Ishengir” kompaniýasy we onuň işgärleri, birnäçe peýdaly jemgyýetçilik guramalaryna aktiw maliýe we beýleki goldawlary berýär.Siz öz garaýyşlaryňyzy we hereketleriňizi, “Ishengir” kompaniýasynyň garaýyşlary we hereketleri bilen meňzeş hasaplamazlyk şerti bilen, öz islegiňize görä jemgyýetçilik, hemaýatkärlik, sport we beýleki guramalara goldaw bermeklige hukuklysyňyz. Siz özüňiziň kompaniýanyň çäklerinden daşarda geçirýän işiňiziň öz gulluk borçlaryňyzy ýerine ýetirmegiňize päsgel bermezligini üpjün etmelisiňiz. “Ishengir” kompaniýasynyň hiç bir işgäriniň, başga bir işgärini, onuň şahsy ynançlaryna ters gelýän maksatlar üçin goldaw berdirmeklige, ýa-da dini, hemaýatkärlik we beýleki maksatlar üçin haýyr-sogap sadakalaryny we goldaw bermeklige mejbur etmeklige hukugy ýokdur

**Korporatiw haýyr sogap**



Kompaniýa tarapyndan syýasy partiýalaryň, dalaşgärleriň peýdasyna ýa-da syýasy maksatlar üçin haýyr sogap, biziň öz işimizi alyp barýan ýurdumyzyň kanunlary arkaly düzgünleşdirilip bilner.Siz syýasy partiýalaryň, dalaşgärleriň peýdasyna ýa-da syýasy maksatlar üçin haýyr sogap işlerini “Ishengir” kompaniýasynyň adyndan edip bilmersiňiz. Sebäbi siz seresapsyzlyk bilen degişli kanunlaryň bozulmagyna eltip bilersiňiz, bu bolsa çynlakaý jerime çäreleriniň görülmegine elter.Siz özüňiziň gatnaşýan, kompaniýanyň adyndan edilýän syýasy maksatlar üçin haýyr sogap işleriňiziň zerur bolan içerki makullamalaryň alynmagyndan we olara hukuk taýdan baha berilmeginden soňra amala aşyrylmalydygyna, olaryň kanunçylyga laýyklykda kanuny işewürlik maksada eýe bolmalydygyna göz ýetirmelisiňiz.

## 9. IŞDE ÖZÜŇI ALYP BARYŞ DÜZGÜNLERINI WE «IŞ ETIKASYNYŇ KODEKSINIŇ» BERJAÝ EDILMEGI

Biziň Kodeksimizi direktorlar, wezipeli adamlar we işgärler berjaý etmelidirler, olaryň islendik görnüşde Kodeksiň düzgünlerini bozan ýagdaýlarynda bu barada säginmezden habar berilmeldir.Siz, ahlak ýörelgelerine eýerýän direktoryň, wezipeli adamyň ýa-da işgäriň oýlanyşykly hereketlerini Işewürlik ahlak kadalarynyň kodeksiniň çalşyp bilmejekdigini ýatda saklamalysyňyz. Emma şunuň ýaly Kodeks, töwekgelçilik howpy bar bolan ahlak meselelerine direktorlaryň we menejerleriň ünsüni çekmeklige kömek eder, işgärlere gollanma bolup hyzmat eder, olara ahlak meselelerini ýüze çykarmaklyga we olary çözmeklige, ahlaksyz edim-gylym barada habar bermek mehanizmlerini göz öňünde tutmaklyga, dogruçyllyk we jogapkärçilik medeniýetini terbiýelemekde ýardam berer.

### “Işewürlik ahlak kadalarynyň kodeksiniň” düzgünlerinden çykylýan ýagdaýlar

Kodeksiň düzgünlerinden çykmaklygyň islendik görnüşi, kompaniýanyň baş direktory ýa-da esaslandyryjysy tarapyndan şu adalga boýunça aşakda berlen kesgitlemä laýyklykda bolup biler.Kodeksiň maksatlary üçin firmanyň “ýerine ýetiriji wezipeli şahsy”, gönüden-göni kompaniýanyň esaslandyryjysynyň tabynlygyndaky baş ýerine ýetiriji direktory we her bir beýleki wezipeli şahsy aňladýar. Kodeksiň düzgünlerinden çykylmagy barada bada-bat kompaniýanyň esaslandyryjysyna habar bermelidir. Kompaniýanyň işgärleri tarapyndan kodeksiň düzgünlerinden çykylmagy diňe aşakdakylar tarapyndan tassyklanylyp bilner, ýagny:

- Kompaniýanyň baş direktory;
- Kompaniýanyň esaslandyryjysy.

### Gizlinlik babatda çäklendirmeler



Kodeksiň düzgünleriniň bozulmagy babatda öz şübheleriňiz barada siziň anonim ýa-da gizlin ýagdaýda habar bermek isläp biljekdigiňize düşünýär. Maglumatlaryň gizlinlikde galdyrylmagyny, kompaniýa mümkin boldugyndan üpjün eder. Emma siz kimdigiňizi aýtmasaňyz, kompaniýa sizi biynjalyk edýän meselä degişlilikde baş galdyrylmazlygy mümkindir. Ondan başga-da, siziň beren maglumatyňyzy aýan etmezden ýa-da başga adamlardan goşmaça maglumatlary almazdan derňew geçirmekligi dowam etdirmekligiň mümkin däl wagtynyň gelip ýetmegi hem mümkindir. Ähli ýagdaýlarda hem, kompaniýa Kodeksiň düzgünleriniň berjaý edilmegi babatdaky meseleleri, gyzyklanma bildirýän şahslara degişlilikde hormat goýmak bilen derňemek üçin hemme mümkin bolan çäreleri görer. Kompaniýanyň syýasaty, döwlet edaralary tarapyndan kanuny derňew geçirilmegine doly ýardam etmekden we şunuň ýaly derňewe degişli bolan, kompaniýanyň ygtyýaryndaky islendik maglumatlary bermekden ybaratdyr.

**Yzarlamaklyga ýol bermezlik**

Eger-de siz Kodeksiň düzgünleriniň bozulýanlygy barada sap ýüreklilik bilen habar berseňiz ýa-da Kodeks babatda sorag berseňiz, sizi şeýle hereketler üçin hiç kim yzarlamaz. “Sap ýüreklilik” diýmek, şübhe baradaky siziň tarapyňyzdan berlen habaryň dogrudygyny ýa-da Kodeksiň hakykatdan hem bozulanlygynyň subutnamasydygyny aňlatmaýar. Bu düşünje şübhe barada siziň tarapyňyzdan habar berlende, siziň dogruçyl bolmagyňyzy talap edýär. Kodeksiň düzgünleriniň bozulýanlygy barada sap ýüreklilik bilen habar berenýa-da Kodeks babatda sorag beren islendik işgäriň gysylmagy, jezalandyrylmagy ýa-da yzarlanmagy gadagan edilýär.

**“Işewürlik ahlak kadalarynyň kodeksi” bilen bagly bolan soraglaryň ýüze çykan ýagdaýynda edilmeli hereketleriň tertibi**



Köplenç hukuk we ahlak meselelerinde bolýan ýagdaýlardaky ýaly, dogry maglumaty nädogrydan tapawutlandyrmak kyn däl. Eger-de kanun ýa-da professional standartlar haýsy hereketleriň edilmelidigini anyk görkezýän bolsa, jogap ýönekeý bolar. Emma käwagt soraglar we jogaplar beýle bir ýönekeýem bolmaýarlar. Bolmagy mümin bolan meseleleriň hemmesini çözmeklige öňünden taýýarlyk görmek mümkin däldir. Şonuň üçin hem, hereket etmegiň iň gowy usuly, şeýle meseleleriň çözgüdini tapmak bolar. Aşakda ýüze çykýan ahlak meselelerini üstünlikli çözmek üçin siziň tarapyňyzdan peýdalanylyp bilinjek birnäçe ädimler getirilýär:

- **Delilleri anyklaň** – deliller barada doly düşünje almazdan, dogry çözgüt tapmak mümkin däldir;
- Özüňizden: men anyk näme etmeli? diýip soraň— Munuň özi, size ünsüňizi duçar bolan meseläňize ünsüňizi jemlemeklige we onuň mümkin bolan çözgütlerine jemlemeklige kömek etmelidir;
- **Öz borçlaryňyzy anyklaň** - Biziň duçar bolýan birnäçe ýagdaýlarymyz, borçlaryň bölünmegini göz öňünde tutýar. Degişli taraplaryň hemmesi habarly edildimi? Beýleki gyzyklanma bildirýän taraplaryň gatnaşmagyny üpjün edip, olar bilen meseläni maslahatlaşyp, siz nähili hereket etmelidigini kesgitlärsiňiz.
- **Bu adalatlymy?** - Haçanda mesele kanunda ýa-da kompaniýanyň syýasatynda özüniň doly çözgüdini tapmasa, ýokarda görkezilen ýönekeý soragyň işe kömek edýän ýagdaýlary seýrek däldir. Eger-de haýsydyr-bir hereket adalatsyz bolup görünse, özüňize olaryň näme sebäpden adalatsyz ýaly bolup görünýändigi we şol adalatsyzlyk netijesinde kime zyýan ýetirilip bilinjekdigi barada sorag beriň. Birnäçe ýagdaýlarda, ahlak nukdaýnazardan iň gowy usul hökmünde, gyzyklanýanlaryň hemmesine adalatly bolup görünýän we şonuň ýaly adamlaryň soraglary hem-de howatyrlanmasy göz öňünde tutulyp bilner ýaly, olaryň dykgatyna ýetirilýän doly maglumat hasaplanýar.
- **Bu meseläni öz ýolbaşçyňyz bilen maslahatlaşyň** - Bu mümkinçilik, ýokarda beýan edilen tapgyrlaryň islendiginde seredilmelidir. Köp ýagdaýlarda siziň ýolbaşçyňyz has uly tejribä eýedir we ol siziň ony meseläniň irki döwründe çözgüt kabul etmek prosesine çekmegize şat bolar. Eger-de size bu meseläni öz ýolbaşçyňyz bilen maslahatlaşmak oňaýsyz bolsa, onda siz gönüden-göni indiki tapgyra geçip bilersiňiz;
- **Kompaniýanyň ahlak meseleleri boýunça jogapkär menejerine ýüz tutuň** – Siz, Kompaniýanyň ahlak meseleleri boýunça jogapkär menejerine islendik wagtda ýüz tutup bilersiňiz. Emma, çynlakaý ahlak meselesi ýüze çykan ýagdaýynda oňa mümkin boldugyndan çaltlyk bilen kömek sorap ýüz tutmalydyr. Şeýle hem siz cobe@ishengir.com elektron salgysyna özüňize oňaýly islendik dilde habar ugradyp bilersiňiz. Siziň habaryňyzyň anonim däl bolan ýagdaýynda, iberen maglumatyňyz kompaniýanyň baş direktoryna gönükdiriler we şondan soňra siz bilen Kompaniýanyň ahlak meseleleri boýunça jogapkär menejeri habarlaşar.

**“Işewürlik ahlak kadalarynyň Kodeksiniň” neşir edilmegi**

Şu Kodeks biziň hemmelere elýeterli www.ishengir.comweb saýtymyzda neşir edildi.

## 10. AHLAK KADALARYNYŇ MESELELERI BOÝUNÇA HABARLAŞMAK ÜÇIN MAGLUMATLAR



Biz, “Ishengir” kompaniýasynyň her bir işgäri, özüniň eýeleýän wezipesine garamazdan, şu Kodeksiň düzgünleriniň bozulmagy babatda özüne mälim bolan islendik maglumatlar barada habar berer diýip umyt edýäris.

Biz size şu Kodeksiň kadalarynyň bozulmagy boýunça ýüze çykjak islendik şübhe ýa-da biynjalyksyzlyk barada “Ishengir” kompaniýasynyň ahlak kadalary boýunça jogäpkär menejerine habar bermekligi maslahat berýäris. Emma biz şeýle etmekligiň käbir ýagdaýlarda mümkin däldigini we kabul ederlikli hasaplanmaýandygyny bilýäris we düşünýäris. Şunuň ýaly ýagdaýlarda, bize +99365070040belgi boýunça jaň etmegizi ýa-da cobe@ishengir.comsalgysyna habar ibermegiňizi haýyş edýäris. Telefon arkaly ýa-da görkezilen elektron salgy arkaly, şeýle-de biziň saýtymyza iberilen habarlar gönüden-göni ahlak kadalary boýunça jogäpkär menejerine barýar we geljekde derňew işlerini geçirmek üçin “Ishengir” kompaniýasynyň esaslandyryjysyna habar berilýär. “Ishengir” kompaniýasy, şübheli hereketler ýa-da mümkin bolan düzgün bozulmalar barada habar beren ýa-da maslahat sorap meýletin ýüz tutan adamlar babatda jogap çäreleriniň görülmegini ýa-da temmi berilmegini makullamaýar.

**Biz Size bu wajyp syýasatymyzy berjaý edenligiňiz üçin minnetdarlyk bildirýäris we ahlak kadalaryny ýokary derejede berjaý etmek bilen özara ikitaraplaýyn bähbitli hyzmatdaşlyk edilmegine umyt bildirýäris.**

